TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HÄZIRKI DÖWÜRDE ALNYP BARYLÝAN IŞLER ÝURDUMYZYŇ DURMUŞ-YKDYSADY TAÝDAN ÖSDÜRILMEGINDE, HALKYMYZYŇ BAGTYÝAR DURMUŞYNYŇ BERKIDILMEGINDE ÄHMIÝETLIDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
8-nji aprel, 2022. Belgisi 14/1476



# ÝURDUMYZYŇ PUDAKLARY DURNUKLY ÖSDÜRILÝÄR

*5-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryny wezipä bellemek bilen baglanyşykly maslahat geçirdi*

Döwlet Baştutanymyz maslahatyň gün tertibine geçip, ilki bilen, maliýe-ykdysadyýet toplumynyň ýolbaşçylaryny wezipä bellemek meselesine garady. Hormatly Prezidentimiz M.Serdarowy maliýe we ykdysadyýet ministri, şeýle hem Türkmenistanyň Hökümetinden Ýewropa Bileleşiginiň halkara tehniki kömek baradaky milli utgaşdyryjysy we Bütindünýä bankynyň Türkmenistandan dolandyryjysy wezipelerine bellemek barada karara gelendigini mälim etdi. Hormatly Prezidentimiz degişli resminamalara gol çekip, täze bellenen ministre birnäçe tabşyryklary, şol sanda milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini üpjün etmek hem-de makroykdysady durnuklylygy saklamak üçin zerur çäreleri görmek boýunça görkezmeleri berdi. Pudaklarda önümçilik kuwwatlyklarynyň ulanylyşyny, meýilnamalaryň ýerine ýetirilişini yzygiderli seljermek gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda görkezildi. Şunuň bilen bir hatarda, döwlet Baştutanymyz 2022-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň üstünlikli ýerine ýetirilmegine, girdejileriň artdyrylmagyna, salgytlaryň öz wagtynda we doly tölenilmegine, býujet serişdeleriniň netijeli ulanylmagyna, çykdajylaryň rejeli hem-de maksadalaýyk maliýeleşdirilmegine berk gözegçilik etmek babatda tabşyryklary berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz M.Sylapowy zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, Pensiýa gaznasynyň müdiriýetiniň başlygy wezipelerine bellemek kararyna gelendigini aýdyp, degişli resminamalara gol çekdi we oňa ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, täze iş orunlaryny döretmek meselelerine aýratyn üns bermegi tabşyrdy. Mundan başga-da, kesp-kärine görä iş gözleýänler bilen iş berijileri utgaşdyrmak işlerini talabalaýyk ýola goýmak, zähmete ukyply raýatlary sebitler we pudaklar boýunça sazlaşykly dolandyrmak üçin zerur işleri yzygiderli geçirmek, şäherlerde, etraplarda we obalarda zähmet gorlarynyň hem-de boş iş ýerleriniň hasabaty bilen bagly meseleleri berk gözegçilikde saklamak tabşyryldy.

Soňra hormatly Prezidentimiz D.Täşliýewi Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini mälim etdi hem-de degişli resminama gol çekip, Ýokary gözegçilik edarasynyň ýolbaşçysyna döwletiň tebigy, maliýe hem-de maddy serişdeleriniň ulanylyşynyň peýdalylygy we kanunylygy, dolandyrylyşynyň netijeliligi boýunça ministrliklerde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda geçirilýän meýilnamalaýyn seljerme işlerini dowam etmegiň, döwletiň maýa goýum we satyn alma taslamalary boýunça serişdeleriň netijeli harçlanylmagyny gözegçilikde saklamagyň zerurdygyny belledi.

Soňra döwlet Baştutanymyz M.Hojagulyýewi «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygy wezipesine bellemek barada karara gelendigini aýtdy we degişli resminama gol çekip, ýurdumyzda öndürilýän hem-de sarp edilýän harytlaryň ýylsaýyn artýandygyny nazara alyp, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan işleriň döwrebaplaşdyrylmagynyň möhümdigine bu gullugyň ýolbaşçysynyň ünsüni çekdi.

Maslahatyň dowamynda döwlet Baştutanymyz D.Amanmuhammedowy Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesine belläp, ony zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary, Pensiýa gaznasynyň müdiriýetiniň başlygynyň orunbasary wezipelerinden boşatmak barada karara gelendigini aýtdy hem-de degişli resminamalara gol çekip, döwlet komitetiniň täze ýolbaşçysyna ykdysadyýetiň nazaryýetinden, kadalaryndan we oňyn halkara tejribeden ugur alyp, jemi içerki önümi we beýleki makroykdysady görkezijileri hasaplamagyň usulyny kämilleşdirmegi, statistiki hasabatlylygyň görnüşlerini tükellemegi hem-de bu işleri sanly ulgam arkaly guramagy we statistiki hasabatlary sanly ulgam arkaly dolandyrmak işlerini çaltlandyrmagy tabşyrdy.

Maslahatyň dowamynda döwlet Baştutanymyz T.Mälikowy ýurdumyzyň Merkezi bankynyň başlygy, şeýle hem Halkara Pul gaznasynyň Türkmenistandan dolandyryjysy we Aziýanyň Ösüş bankynyň Türkmenistandan dolandyryjysy wezipelerine belläp, ony maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary wezipesinden boşatmak kararyna gelendigini mälim etdi hem-de degişli resminamalara gol çekip, ýurdumyzyň pul-karz ulgamyny durnukly ösdürmek, maliýe serişdelerini dolandyrmagy kämilleşdirmek, harytlaryň bahasyny durnukly saklamak hem-de daşary ýurt pulundaky girdejileri artdyrmak, milli manadyň hümmetiniň durnukly bolmagyny üpjün etmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilmelidigini belledi we Merkezi bankyň ýolbaşçysyna bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Soňra maslahat ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda dowam etdi. Hormatly Prezidentimiz B.Amanowy Türkmenistanyň Döwlet ministri – «Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy we degişli Permana gol çekip, uglewodorod serişdelerini diwersifikasiýa ýoly bilen dünýä bazarlaryna çykarmagy, tebigy gazyň daşarky bazarlara iberilýän möçberini artdyrmagy, şeýle hem gaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça çäreleri görmegi gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda kesgitledi.

Soňra döwlet Baştutanymyz G.Agajanowy «Türkmennebit» döwlet konserniniň başlygy wezipesine belläp, ony bu konserniň başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatmak kararyna gelendigini mälim etdi we degişli resminama gol çekip, döwlet konserniniň ýolbaşçysyna nebit çykarmagyň meýilnamasyny doly ýerine ýetirmek, nebit guýularynda düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek, täze nebit guýularyny işe girizmek, ýakyn iki ýylda nebitiň goşmaça möçberlerini çykarmak babatda kabul edilen meýilnamany üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça anyk görkezmeleri berdi. ■ 2

## TÜRKMEN-HINDI HYZMATDAŞLYGY PUGTALANÝAR



Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bilen dünýä döwletleriniň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklary barha pugtalanýar. Özara bähbitli we deňhukukly gatnaşyklar berkarar ýurdumyz bilen daşary ýurtlaryň arasynda hoşniýetli hyzmatdaşlyklaryň binýadyny has-da berkidýär.

Ýurdumyzyň daşary syýasat ugruna uly ähmiýet berýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ilkinji ýokary derejeli myhmany kabul etdi. Ol hem türkmen halkyny gadymy döwürlerden bäri medeni-ynsanperwer we taryhy taýdan baglanyşdyrýan Hindistan Respublikasynyň Prezidenti boldy. Bu saparyň taryhy ähmiýetiniň ýene-de bir aýratynlygy Hindistan Respublikasy tarapyndan Prezident derejesinde ilkinji gezek ýurdumyza ýokary derejeli saparyň amala aşyrylmagydyr. ■ 3

## WELOSIPED — EKOLOGIÝA TAÝDAN ARASSA ULAG

Häzirki döwürde eziz Watanymyz Türkmenistan sebitde durnukly ösüşi we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýän, dünýäde uly abraýdan we hormatdan peýdalanýan döwletdir. Bitarap döwletimizde Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga möhüm ähmiýet berilýär. Türkmenistan abraýly halkara guramalarda möhüm başlangyçlary yzygiderli öňe sürüp gelýär. Häzirki döwürde biziň ýurdumyz kabul edilen Kararnamalary durmuşa geçirmek boýunça halkara derejedäki çärelere işjeň gatnaşýar.



Ýaňy-ýakynda, has takygy, şu ýylyň 15-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji mejlisinden Garaşsyz ýurdumyza buýsandyryjy habar gelip gowuşdy. Bu mejlisde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda we Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň 62-siniň awtordaş bolup çykyş etmeginde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. ■ 3

## Täze maksatnama – geljegimiziň kepili



11-nji fewralda geçirilen Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň mejlisinde ata Watanymyzy geljek 30 ýylda ösdürmek meselelerine garalyp, örän möhüm resminamalara gol çekildi. Onda uzak möhletleýin resminama – «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» kabul edildi. Hususan-da, bu maksatnama Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halk hojalygyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň anyk ugurlaryny we täze wezipeleriň ençemesini öz içine alýar. ■ 2

## Sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip

*Eziz Diýarymyzyň iň gymmatly baýlygy bolan ynsan saglygyny gorap saklamak, ýaş nesliň geljekde beden we ruhy taýdan sagdyn, ruhubelent adamlar bolup ýetişmegini gazanmak möhüm döwlet wezipeleriniň biri bolup durýar.*



Dünýäde giňden bellenilýän Bütindünýä saglyk güni 1950-nji ýyldan bäri her ýyl 7-nji aprelde bellenilýär. Bu senäniň saýlanyp alynmagy tötänleýin däldir, hut 1948-nji ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Tertipnamasy güýje girdi, häzirki wagtda dünýäniň ençeme döwleti bu guramanyň agzasy bolup durýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz hem bu guramanyň agzalygyna kabul edilen gününden bäri gurama bilen işjeň gatnaşyklary alyp barýar. Ynsan saglygyna, bedenterbiýä we sporta aýratyn ähmiýet berilmegi netijesinde ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygy artýar. Ýurdumyzda adamyň saglygy jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolup durýar.

«Garaşsyz döwletimizde köpçülikleýin sporty ösdürmäge we ýaşlar syýasatyna esasy orun degişlidir. Şonuň üçinem, ilatyň giň gatlaklaryny bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga çekmek, çagalar sportuny ösdürmek, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş kadalaryny wagyz etmek boýunça işler dowam etdiriler» diýip, hormatly Prezidentimiz belleýär.

Welosipedli ýörişler durmuş, sport hem-de ekologiýa maksatly dürli taslamalary, pikirleri goldamak babatda ençeme ýurtlarda geçirilýän jemgyýetçilik ähmiýetli çäreleriň meşhur görnüşleriniň biridir. Şoňa görä-de, bu çäreler Türkmenistanda hem şäherleriň, obalaryň ýaşaýjylaryny, dürli ýaşdaky nesilleri birleşdirýär. Şonuň bilen birlikde, bu çäräniň geçirilmeginiň ekologiýa ugry onuň möhüm düzüm bölegi bolup durýar.

Ýurdumyzda uzakmöhletleýin ekologiýa maksatnamalary işjeň hereket edýär. Giň gerimli ekologiýa maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda, aýratyn-da, dag eteklerinde arassa howa gurşawy emele geldi. Tebigaty goramak, tebigatdan aýawly peýdalanmak, biologik köpdürlüligi gorap saklamak ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Ata Watanymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, tebigatyň baýlyklaryny aýawly saklamak barada ilatyň düşünjesini ýokarlandyrmak, daşky gurşawy goramagyň hukuk binýadyny pugtalandyrmak babatda uly işler üstünlikli amala aşyrylýar.

Eziz Diýarymyzyň ösüşlere eýe bolýan döwründe ulag serişdeleri hem artýar. Ulag serişdeleriniň sanynyň artmagy hereketiň ýygjamlaşmagyna getirýär. ■ 2

## DAŞKY GURŞAWY GORAMAK — BAŞ MAKSADYMYZ



Hemişelik Bitarap döwletimiz halkara bileleşigiň deňhukukly agzasy hökmünde tebigy gurşawy goramak boýunça dünýä jemgyýetçiliginiň gazananlaryna uly sarpa goýýar we ekologiýa ulgamynda abraýly halkara guramalar hem-de BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen bilelikde, milli we sebit ähmiýetli taslamalary durmuşa geçirýär. Netijede, Türkmenistanyň bütin adamzady gyzyklandyrýan ekologiýa meselesinde dünýä ýurtlarynyň özara tagallalaryny birleşdirmek ugrunda beýan edýän anyk teklipleri halkara resminamalarda öz beýanyny tapýar. Ýurdumyz tebigatyň goraglylygyna gönükdirilen we onuň baýlyklarynyň ählumumy bähbitler üçin ulanylmagyna bagyşlanan sebitara we halkara duşuşyklaryň, ylmy-amaly maslahatlaryň geçirilýän mekanyna öwrülýär.

Eziz Diýarymyzda halkymyzyň ekologiýa taýdan arassa şertlerde ýaşamagyny üpjün etmek maksady bilen, ekologiýany we daşky gurşawy goramak ugrunda alnyp barylýan derwaýys işler raýatlaryň saglygyny gorap saklamak, olaryň ömür dowamlylygyny uzaltmak ýaly asylly ýörelgelerden gözbaş alýar. ■ 3

## «MILLIARD AGAÇ» gaznasyny döretdi

Mongoliýa agaç ekmek boýunça «Milliard agaç» kampaniýasyna goldaw bermek maksady bilen gazna döretdi. Bu barada Mongoliýanyň Prezidentiniň metbugat gullugy habar berdi. ■ 4




## HINDI edebiýaty

**Taryhda türkmen we hindi halklarynyň edebiýatynyň has ýakyn bolan döwürleriniň köpsanly mysallaryny tapmak bolýar. Muňa orta asyrlaryň ýyl ýazgylary hem aýdyň şaýatlyk edýär.** ■ 5



## DÜNÝÄ KUBOGYNYŇ bijeleri çekildi

Futbol oýnunyň iň uly guramaçylygy bolan FIFA Dünýä Kubogy Katar 2022-niň toparçalarynyň bijeleri çekildi. ■ 7



## Kölüň aşagynda gadymy şäher tapyldy

Gwatemalanyň günorta-günbatarynda Atitlan kölüniň aşagynda Maýýa medeniýetine degişli gadymy şäher tapyldy. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu ýerde biziň eýýamymyzdan öň V asyrda oturymly ilatyň ýaşandygy bellenilýär. Adada ýerleşen şäher tektonik hadysalar sebäpli 20 metr çemesi suwuň aşagyna çöküpdir.



Kölüň aşagyndaky wulkan kraterinde alymlar dini merkezleriň, ýaşaýyş jaýlaryň we beýleki desgalaryň galyndylaryny tapdylar. Alymlaryň pikirine görä, şäheriň eýeleýän meýdany 60 müň inedördül kilometre deňdir. Geljekde Atitlan kölüniň kenarynda muzeý döretmek meýilleşdirilýär. Bu ýerde gadymy şäheriň sanly nusgalary ýerleşdirilip, Maýýa medeniýeti barada maglumat berler.

Maýýa medeniýeti Merkezi Amerikada döräն gadymy medeniýetleriň biridir.

**Gülzada ÇARYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Bilelikde elýeterli elektroulag öndürer

«General Motors» bilen «Honda» kompaniýasy bilelikde elýeterli elektroulagy öndürerler. Kompaniýalaryň bilermenleriniň pikirine görä, enjamlaryň we prosesleriň standartlaşdyrylmagy sebäpli awtoulagyň bahasy arzan bolar. Elektroulaglaryň hatarynda ykjam krossoweriň boljakdygy mälim edildi. Täze ulagda «General Motors»-yň «Ultium» batareýa tehnologiýasy ulanylar.



Soňky döwürde elektroulaglara bolan islegiň ýokarlanmagy bilen kompaniýalar bu ugra has köp maýa goýýarlar. Muňa döwletler hem ýakyndan ýardam berýär. Kanada «General Motors» kompaniýasynyň birbada iki zawodyna maýa goýmak kararyna geldi. Olaryň biri diňe elektroulag öndürmäge gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, ýaňy-ýakynda «Tesla» kompaniýasy Germaniýada Ýewropadaky ilkinji zawodyny açypdy. Bu ýerde her ýylda 500 müňe çenli awtoulag öndürmek meýilleşdirilýär.

**Ahmet BEGENJOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Dizel awtoulag satuwyny bes etdi

«Audi» kompaniýasy Niderlandlar Patyşalygynda dizel bilen işleýän awtoulag satuwyny bes etdi. Dizel hereketlendirijili awtoulaglar Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde meşhur bolsa-da, Niderlandlarda beýle däl. Ýurtda bu ulaglara gyzyklanmanyň ýoklugy, «Audi» brendiniň şeýle karara gelmegine sebäp bolupdyr.



Soňky ýyllarda ýewropalylaryň awtoulag islegleri ep-esli üýtgedi. Awtoulag söýüjileri indi dizel modelleriniň ýerine zarýad berilýän gibrid we elektroulaglara köpräk gyzyklanma bildirýärler. «Audi» kompaniýasy Niderlandlarda zarýad berilýän gibrid ulaglaryň satuwyna has köp üns bermegi meýilleşdirýär.

**Aknur GÜLMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Günebakardan kagyz öndürildi

Singapurly alymlar günebakar poleninden birnäçe gezek ulanyp boljak kagyz öndürmegi başardylar. Häzirki wagtda kagyz öndürmek üçin agaçlar kesilmeli bolýar. Kagyzlar gaýtadan işlenilýän hem bolsa, bu önüme islegiň ýokary bolmagy, onuň köp mukdarda öndürilmegini şertlendirýär. Singapuryň Nanýan tehnologiýa uniwersitetiniň alymlarynyň oýlap tapan kagyzyna ýazylan zady aňsatlyk bilen öçürip bolýar.



Hünärmenler şeýle kagyzy öndürmek üçin günebakar polenlerinden millimetr galyňlygyndaky gatlagy emele getirdiler. Bu kagyza adaty printer arkaly hat ýazyp bolýar we suwa batyrylanda hem çap edilen suratlara ýa-da hatlara hiç hili zeper ýetmeýär. Kagyzyň ýüzündäki ýazgylary öçürmek üçin ony aşgarly ergine batyrmak ýeterlik.

**Esger HUDAÝNAZAROW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Emeli barmak döredildi

Beýik Britaniýanyň Bristol uniwersitetiniň hünärmenleri emeli barmak döretdiler. Ol emeli deriden ybarat bolup, «duýuş» mümkinçiliklerine eýedir. Bu emeli protez 3D printerinde çap edildi.



Barmak ýörite sensorlar arkaly dürli signallary kabul edýär. Bu signallar adamyň beýnisindäki dürli signallar bolup durýar. Geçirilen synaglarda barmagyň duýgurlygy barlandy we oňyn netijeler gazanyldy. Häzirki wagtda alymlar has ýuka emeli derini öndürmegiň üstünde işleýärler. Ony mümkingadar adaty derä meňzetmek maksat edinilýär. Şeýlelikde, geljekde «janly» protezleri döredip, dürli amallary ýerine ýetirmek meýilleşdirilýär.

**Merdan SEÝITLIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# ÝURDUMYZYŇ PUDAKLARY DURNUKLY ÖSDÜRILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Maslahatyň dowamynda döwlet Baştutanymyz M.Rozyýewi «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy we degişli Permana gol çekip, uglewodorod serişdelerine baý meýdançalarda seýsmiki-gözleg işlerini netijeli dowam etdirmegi, täze nebit ýataklaryny ýüze çykarmagy hem-de özleşdirmegi, ýerasty suwlaryň hem-de gaty magdanlaryň gorlaryny artdyrmagy we bu ugurda bar bolan wezipeleriň ylmy taýdan esaslandyrylan çözgütlerini tapmak meselelerine möhüm ähmiýet bermegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz gurluşyk-senagat toplumynyň ýolbaşçylaryny wezipä bellemek baradaky meselelere geçdi. Döwlet Baştutanymyz G.Orunowy gurluşyk we binagärlik ministri wezipesine bellemek barada karara gelendigini aýtdy hem-de degişli Permana gol çekip, ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Hormatly Prezidentimiz Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň alyp barýan işleriniň wajypdygy barada aýdyp, şu ýyl açylyp ulanmaga beriljek binalaryň hem-de desgalaryň öz wagtynda we ýokary hilli tabşyrylmagyny berk gözegçilikde saklamagyň, gurluşyklary zerur gurluşyk serişdeleri we enjamlar bilen öz wagtynda üpjün etmek üçin ähli çäreleri görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz B.Annamämmedowy senagat we gurluşyk önümçiligi ministri wezipesine bellemek barada karara gelendigini mälim etdi. Döwlet Baştutaymyz Türkmenistanda ýurdumyzyň sarp edijilerini daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan ýokary hilli önümler bilen doly möçberde üpjün etmäge ukyply kuwwatly gurluşyk senagatyny kemala getirmegiň zerurdygyna aýratyn ünsi çekip, bu işe döwletimiziň telekeçilerini işjeň çekmegiň, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän bilelikdäki döwrebap kärhanalary gurmagyň zerurdygyny nygtady.

Soňra döwlet Baştutanymyz H.Rejepmyradowy energetika ministri wezipesine bellemek barada karara gelendigini mälim etdi we degişli Permana gol çekip, bar bolan kuwwatlyklary, şol sanda Türkmenistanda gaýtadan dikeldilýän energetikany – Gün we ýel energiýasyny ulanmagy ösdürmek boýunça taslamalary durmuşa geçirmek arkaly, yzygiderli artdyrmak babatda gaýragoýulmasyz wezipeleri kesgitledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz S.Ýolamanowy Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz ýol gurluşygynda ýokary hili gazanmak üçin önümçilige ylmy-tehniki innowasiýalary ornaşdyrmagyň, ýokary hilli gurluşyk serişdelerini taýýarlamagyň zerurdygyny belledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz N.Nyýazlyýewi «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň başlygy wezipesine bellemek barada karara gelendigini aýtdy we degişli Permana gol çekip, himiýa toplumlarynyň bökdençsiz işledilmeginiň hem-de olary doly kuwwatynda ulanmagyň zerurdygyna ünsi çekip, käbir kärhanalary hususylaşdyrmak boýunça teklipleri taýýarlamagy tabşyrdy.

Soňra maslahat söwda we dokma senagaty pudagynyň ýolbaşçylaryny wezipä bellemek bilen bagly mesele boýunça dowam etdi. Hormatly Prezidentimiz söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministri wezipesine O.Gurbannazarowy bellemek kararyna gelendigini aýtdy hem-de degişli Permana gol çekip, söwda pudagynyň işini kämilleşdirmek, häzirki zaman üpjünçilik ulgamlaryny döretmek, paýtagtymyzda we welaýatlarda täze söwda merkezleriniň gurluşygyny yzygiderli alyp barmak, söwda ulgamynda bölek haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak boýunça birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň dokma senagaty ministri wezipesine R.Rejepowy bellemek kararyna gelendigini aýtdy hem-de degişli Permana gol çekip, geljek 30 ýylda ýurdumyzyň ykdysady strategiýasyna laýyklykda, dokma pudagynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän mukdaryny artdyrmagy, içerki bazary özümizde öndürilýän ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa, bäsdeşlige ukyply dokma önümleri bilen doly üpjün etmegi, egin-eşikleriň, deri önümleriniň we aýakgaplaryň görnüşlerini köpeltmegi esasy ugur hökmünde kesgitledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz B.Çaryýewi Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini habar berdi hem-de degişli Permana gol çekip, bazar şertlerinde ýurdumyzda lomaý haryt bazaryny emele getirmek üçin amatly şertleri döretmek boýunça zerur işleri geçirmegiň, birža söwdasyny guramakda ýerlenilýän harytlar boýunça baha emele getirmegiň netijeli usullaryny ornaşdyryp, haryt-çig mal serişdelerini ýerlemegiň netijeli syýasatyny ýöretmek, lomaý söwdany ösdürmekde beýleki döwletler bilen netijeli daşary söwda gatnaşyklaryny ösdürmäge we giňeltmäge gönükdirilen işleri alyp barmak, biržanyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, ýurdumyzda öndürilýän önümleri mahabatlandyrmak boýunça zerur işleri geçirmegi dowam etmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz O.Işangulyýewany «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy hem-de degişli Permana gol çekip, türkmen milli halyçylyk sungatyny ösdürmek we haly önümlerinde milli öwüşginleri saklap, täze nagyşlardyr göller bilen baýlaşdyrmak, el haly önümçiliginde gadymy milli göllerimizi dikeltmek, ýerli hem-de daşary ýurtly alyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmak, häzirki ösen talaplara laýyk gelýän çeper halyçylyk kärhanalarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny, çig mal üpjünçiligini pugtalandyrmak boýunça işleri dowam etmegi tabşyrdy.

Soňra maslahat oba hojalyk toplumynyň ýolbaşçylaryny wezipä bellemek bilen dowam etdi. Döwlet Baştutanymyz A.Altyýewi oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministri wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýdyp, degişli Permana gol çekdi hem-de bu ugurda kabul edilen maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmek, pudaga hususy önüm öndürijileri giňden çekmek, ekologiýa taýdan arassa azyk önümleriniň öndürilýän mukdaryny we görnüşlerini artdyrmak, ýerli toprak-howa şertlerini göz öňünde tutup, ekerançylygyň medeniýetini ýokarlandyrmak, ylmy taýdan esaslandyrylan usullary giňden ornaşdyrmak babatda ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz G.Baýjanowy Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýdyp, degişli Permana gol çekdi hem-de ýurdumyzyň suw akabalarynda ýitgileri azaltmak maksady bilen, örtükli suwaryş akabalaryny we ýapyk turba görnüşli suw geçirijileri gurnamak, damjalaýyn usulda suwaryş enjamlarynyň önümçiligini ýola goýmak, bar bolan suw howdanlarynyň göwrümini giňeldip, täze howdanlary gurmak işlerini dowam etmek meseleleriniň zerurdygyna ünsi çekdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz A.Berdiýewi «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň baş direktory wezipesine bellemek kararyna gelendigini mälim etdi we degişli Permana gol çekip, ýurdumyzda ahalteke atlarynyň baş sanyny artdyrmak, tohumçylyk-seleksiýa işlerini kämilleşdirmek, ahalteke bedewleriniň dünýädäki şan-şöhratyny mundan beýläk-de belende galdyrmak, at çapyşyklaryny, atly sport bäsleşiklerini, dürli at üstündäki oýunlary we bedewleriň halkara gözellik sergilerini geçirip durmak babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra maslahat ylym, bilim, sport we saglygy goraýyş ulgamynyň ýolbaşçylaryny wezipä bellemek bilen dowam etdi. Döwlet Baştutanymyz G.Ataýewany ýurdumyzyň bilim ministri wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy we degişli Permana gol çekip, bilim we terbiýeçilik işlerinde öňdebaryjy usullary, döwrebap sanly tehnologiýalary giňden ulanmagyň, mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň, daşary ýurt dilleri, beýleki möhüm ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň wajypdygyny belledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz N.Amannepesowy saglygy goraýyş we derman senagaty ministri wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýdyp, degişli Permana gol çekdi hem-de ministre ylmy-barlag we bejeriş-öňüni alyş işlerini talabalaýyk alyp barmak, milli saglygy goraýyş ulgamyna keselleriň öňüni almagyň, anyklamagyň, bejermegiň we saglygy dikeltmegiň täze, netijeli usullaryny ornaşdyrmak, saglygy goraýyş edaralarynda sanly ulgamy ulanmak, Birleşen Milletler Guramasynyň düzümleri, beýleki abraýly halkara guramalar we ösen ýurtlaryň öňdebaryjy klinikalary bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz G.Agamyradowy sport we ýaşlar syýasaty ministri wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy we degişli Permana gol çekip, halkara derejeli ussat türgenleri taýýarlamagy dowam etmegiň zerurdygyny nygtap, sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryň işini kämilleşdirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz maslahaty dowam edip, A.Şamyradowy Türkmenistanyň medeniýet ministri wezipesine bellemek kararyna gelendigini mälim etdi we degişli Permana gol çekip, oňa türkmen medeniýetini we sungatyny ösdürmek, medeniýet ulgamynyň işini kämilleşdirmek, ugurdaş edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz A.Aşyrowy Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýdyp, degişli Permana gol çekdi hem-de ýolbaşça teleradioýaýlymlaryň we olaryň garamagyndaky edara-kärhanalaryň işini täzeçe guramak, gepleşikleriň hem-de filmleriň döwrebap usulda taýýarlanylmagyny üpjün etmek, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmak we kinematografiýanyň işini gowulandyrmak babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz A.Hudaýberdiýewi Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy hem-de degişli Permana gol çekip, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, işgärleriň hünär başarnyklaryny kämilleşdirmek, işiň ýokary hilini gazanmak babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz M.Gazakbaýewi Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň başlygy wezipesine bellemek kararyna gelendigini aýtdy hem-de degişli Permana gol çekip, Türkmenistanyň gazanýan üstünliklerini halkara maglumat giňişliginde beýan etmek, dünýäniň iri habarlar agentlikleri, abraýly neşirleri, meşhur habar beriş ýaýlymlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek, täzelikleri we habarlary metbugat giňişliginde ýerleşdirmek boýunça toplumlaýyn işleri alyp barmak babatda agentligiň ýolbaşçysyna anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz maslahaty jemläp, wezipä bellenen ýolbaşçylary gutlady hem-de olara berk jan saglyk, halkymyzyň bagtyýarlygynyň, berkarar Watanymyzyň abadançylygynyň bähbidine gönükdirilen işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

## Täze maksatnama – geljegimiziň kepili

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Garaşsyz Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga hyzmat etjek täze maksatnama geljek 30 ýylda ýurdumyzy ählitaraplaýyn ösdürmäge ýardam berer. Bu barada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Bu maksatnama biziň geljegimiziň kepilidir. Döredip, gurup bilýän millet hökmünde bütin dünýäde halkymyzyň mertebesini has beýgeltjek ösüş ýoludyr» diýip aýratyn nygtaýar.

Täze maksatnamada ykdysadyýetiň ähli ugurlary bilen bir hatarda, azyk howpsuzlygyny üpjün edýän oba hojalygyna hem aýratyn orun berildi. Bu möhüm pudagyň önümçilik-ykdysady gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi daýhanlara işlemäge, döretmäge, gurmaga we toprakdan bol hasyl öndürip, eşretli durmuşda ýaşamaga ähli mümkinçilikleri döredýär. Häzirki wagtda daýhanlarymyz ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda sünnäläp, sungat derejesine ýetiren daýhançylyk kesbini ylmyň gazananlary bilen utgaşdyryp zähmet çekýärler.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda pagta, bugdaý, şaly bilen birlikde gök-bakja, ýeralma, halkyň isleg bildirýän beýleki gök ekinlerini, şeýle-de miweli baglary ösdürip ýetişdirmäge aýratyn üns berilýär. Ilaty ýylyň do-





wamynda gök önümler bilen üpjün eder ýaly, welaýatlarda ýyladyşhanalar hem-de sowadyjylar gurlup ulanmaga berilýär. Gyş paslynda-da bazarlarymyzdaky ter gök-bakja önümleriniň köpdürlüligi bu geçirilýän işleriň miwesidir.

Milli maksatnama laýyklykda, ýokary hilli, halkara ülňülere laýyk gelýän, dürli görnüşli oba hojalyk önümleriniň möçberini artdyrmak, bäsdeşlige ukyply, ekologiýa taýdan arassa döwrebap önümçilikleri döretmek arkaly Diýarymyzda azyk bolçulygy üpjün ediler. Şonuň bilen birlikde, oba hojalyk önümleriniň import edilýän möçberi azaldylyp, eksporty artdyrylar.

Bu maksatnamany amal etmekde esasy wezipe ýaşlaryň üstüne düşýär. Ýaşlar döwletimiziň şu güni we geljegidir. Ýaşuly nesliň aň-paýhasy, baý tejribesi bilen ýaşlaryň gujurgaýratynyň utgaşan ýerinde bolsa ýetilmejek maksat, gazanylmajak sepgit ýokdur.

**Rüstem RAHMANKULOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Döwletli etrap birleşmesiniň başlygy, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň deputaty.*

## Sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şonuň üçin hem ýol hereketiniň howpsuzlygynyň, düzgünleriniň doly berjaý edilmegi ugrunda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde möhüm işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda «Ýol



hereketiniň howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Aşgabat şäher häkimliginiň hem-de Jemgyýetçilik guramalarynyň başlangyjy esasynda, Bütindünýä saglyk güni mynasybetli Aşgabatda aprel aýynyň 4–11-i aralygynda awtoulagsyz günler geçirilýär. Däbe öwrülen bu çäre adam üçin zerur bolan arassa howa gurşawyny emele getirmäge, ekologiýa abadançylygynyň ýokary derejesini, arassaçylyk kadalaryny üpjün etmäge gönükdirilendir. Şeýle hem ýurdumyzda her ýylyň 1-30-njy sentýabry aralygynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» diýen at bilen biraýlyk geçirilýär.

Bu çäreler toplumy ilatyň saglygyny goramaga, ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilmegi netijesinde şikesleriň we maýyplygyň öňüni almaga gönükdirilendir. Ýol hereketiniň düzgünleriniň saklanmagy, şeýle-de ýol-ulag hadysalarynyň öňüniň alynmagy, ozaly bilen herekete gatnaşyjylaryň ýol hereketiniň kadalaryny kämil berjaý etmegine gönüden-göni bagly bolup durýar. Pyýadalaryň bellenen düzgünlere eýermezligi, pyýadalar üçin niýetlenmedik ýerlerden geçilmegi ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Awtoulaglaryň bellenen tizlikden ýokary sürülmegi, ýol hereketiniň kadalarynyň dürs berjaý edilmezligi ýol-ulag hadysalarynyň döremegine alyp barýan ýaramaz ýagdaýlardyr.

Her bir raýatyň ýol hereketinde şahsy jogapkärçiligi bolmalydyr. Ýollarda özüňi alyp barmagyň düzgünleri baradaky geçirilýän çäreleriň ähllisi raýatlaryň howpsuzlygyny, halkymyzyň asuda we parahat ýaşamagy üçin wajyp ähmiýete eýe bolup durýar.

Halkymyzyň saglygy üçin taýsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, alyp barýan işleri hemişe rowaç bolsun!

**Muhammetnazar GELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Ykdysadyýet, maliýe we durmuş syýasaty baradaky komitetiniň agzasy.*

## AÝDYMYŇ ADAMA TÄSIRI

Bilermenler aýdym-sazyň adamyň ruhy ýagdaýyny gowulandyrýandygyny, şeýle hem içki duýgusyna täsir edip, öwrenmek ukybyny ösdürýändigini belleýärler. Saz irki döwürlerden bäri bejergide hem peýdalanylypdyr. Bilermenleriň aýtmaklaryna görä, halaýan aýdymyňyzy diňlän wagtyňyzda aladalaryňyzdan daşlaşýan bolsaňyz, bu aýdym-sazyň beýnä gönüden-göni täsir edýändiginiň aýdyň mysalydyr. Aýdym adamyň şatlyk gormonlaryny işjeňleşdirýär. Alymlar aýdymyň beýniniň ýatkeşlik bilen bagly böleklerini we nerw ulgamyny işjeňleşdirýändigini hem belleýärler. Aýdym diňlenende adamyň beden agzalary sazyň heňine görä biygtyýar hereket edýär. Ýagny adam bedeni diňlenýän aýdym bilen sazlaşykly hereket edýär. Beýniniň dürli bölekleriniň işjeňleşmegi ony güýçlendirýär. Bu bolsa, adamyň ukyplaryny artdyrýar. Alymlar gam-gussa basan wagty 20 minut aýdym diňlemegi maslahat berýärler.



1993-nji ýylda ABŞ-nyň Wiskonsin Oşkoş uniwersitetiniň mugallymy, doktor Franses Rauşer talyplaryň arasynda geçirilen barlaglarda nusgawy sazlaryň adam beýnisini kämilleşdirýändigini ýüze çykarypdyr. Mosartyň sazlaryny diňlän talyplaryň ýatkeşliginiň ýokarlanandygy anyklanypdyr. Şeýle hem geçirilen barlaglar ýaşlaryň saz guralyny çalyp öwrenmekleriniň döredijilik ukybyny artdyrýandygyny ýüze çykarypdyr.

**Aýsoltan URAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

## ARASSA ENERGIÝA ÖSÜŞE ITERGI BERÝÄR

Birleşen Milletler Guramasyna dünýäniň dürli ýerlerindäki daşky gurşaw boýunça hünärmenleriň iberen maglumatlaryna görä, arassa energiýany ulanmak arkaly ykdysady ösüşi gazanmak mümkin. Maglumata görä, 18 ýurtda energiýanyň arassa çeşmeleri ulanylypdyr we ösüş gazanylypdyr. Şeýle hem maglumatda bu ýurtlarda azyndan bir ýyldan bäri howa goýberilýän kömürturşy gazynyň azalandygy bellenildi. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň howanyň üýtgemegi baradaky Hökümetara paneli (IPCC) habar berýär. IPCC-niň taýýarlan maglumatynyň esasy awtory, Londonyň uniwersitet kollejiniň energiýa we howanyň üýtgemegi boýunça professory Maýkl Grub howanyň hapalanmagynyň öňüni alyp, ykdysady ösüşi dowam etdiren ýurtlaryň köpdügini belleýär. Käbir ýurtlar diňe howa goýberilýän kömürturşy gazyny hasaplan bolsalar, käbiri ýyladyşhana gazlarynyň ähllisini hasaba alypdyr.



Şol sebäpli entek olary anyklamak üçin has köp maglumat gerek.

«Associated Press» habarlar gullugy bolsa, BMG-niň maksatnamasynyň degişli bolmadyk Global Uglerod Taslamasynyň maglumatlaryndan peýdalanyp, ýyllyk kömürturşy gazynyň howa zyňylmagyny 2010-njy ýyldan 2019-njy ýyla çenli ep-esli azaldan 19 ýurduň bardygyny mälim etdi.

**Hojadurdy HOJADURDYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Kristal bilen bezelen aýakgap

«Adidas» kompaniýasy Swarowski kristallary bilen bezelen futbol aýakgaplarynyň 300 jübütini öndürdi. Bu aýakgap auksionda satylmak üçin däl-de, gündelik türgenleşiklerde we futbol duşuşyklarynda geýmek üçin öndürilip, futbolçylar hem-de adaty müşderiler üçin elýeterli edildi.



300 jübüt öndürilip, bahasy 300 funt sterling bolan aýakgaby häzirki wagtda dünýäniň iň ýaş gymmat bahaly futbolçysy hasaplanýan Jud Bellingem geýip gördi. Bu adaty bolmadyk aýakgaby futbol ýyldyzlaryndan Pol Pogba hem satyn almakçydygyny mälim etdi.

**Oguljeren RAHMANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Mars dikuçary rekord goýar

Marsdaky «Ingenuity» dikuçarynyň golaýda has uzak aralyga uçuryljakdygy mälim edildi. Kiçi göwrümli uçaryň



Marsa gondurylanyna bir ýyl töweregi wagt geçdi. Başga planetada uçurylan ilkinji enjam bolan «Ingenuity» Gyzyl planetany guşuçar belentlikden surata düşürmek üçin işlenip taýýarlandy. «Ingenuity» häzire çenli Marsda 23 gezek asmana göterildi. Agramy 1,8 kilograma, ululygy 48 santimetre deň bolan bu enjam Gün energiýasy bilen işleýär. «Ingenuity»-niň golaýda 704 metr aralyga uçjakdygy aýdylýar. Bu görkeziji ozalky rekorddan 77 metr köp bolar. 200 million kilometre golaý uzakdaky dikuçar Ýerden dolandyrylýar.

Kiçijik dikuçaryň minutda 2 müň 400 hem-de 2 müň 800 gezek garşylykly aýlanýan perleri bar. «Ingenuity» mundan ozalky uçuşyny 3-nji aprelde amala aşyrypdy. 70 sekunt dowam eden bu uçuşda 5 km/sagat tizlik bilen hereket edilip, 47 metrden gowrak ýol geçilipdir.

**Meretgül MÄMMETGELDIÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki Mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 8-i, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109153
Belgisi: 14/1476
Tiražy: 4068
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Iki halkyň edebi gatnaşyklary

Gözbaşy müňýyllyklara uzaýan gadymy türkmen-hindi halklarynyň däbe öwrülen edebi-medeni hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösüş taryhyna täze sahypalar ýazylýar. Taryhyň şöhratly ýylýazgylary bu günki gün gadymy halklaryň ikisiniň hem medeniýetleriniň özara täsiriniň üçünji müňýyllykda hem üstünlikli dowam edýändigini dowamly buşlaýar. Medeni gatnaşyklar köpasyrlyk dostluk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň kuwwatly binýadynda gurulýan döwletara gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Hindi we türkmen medeniýeti taryhda adamzat tarapyndan döredilen gymmatlyklaryň, dünýä siwilizasiýasynda sungat eserleriniň görnüşleriniň, halk amaly-haşam hünärmentçiliginiň iň gadymy merkezleriniň ýüze çykan ojaklarynyň biri hasap edilýär. Sebitde durnuklylygyň daýanjy hökmünde çykyş edýän ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde hindi diliniň we edebiýatynyň, terjimeçilik sungatynyň häzirkizaman usullarynyň, ösüş aýratynlyklarynyň nazary we amaly esaslary ýörite hünär bilimleri arkaly çuňňur öwredilýär. Iki doganlyk, dostlukly halkyň taryhy gymmatlyklarynyň, edebi-çeperçilik miraslarynyň görnüşleriniň, ygtybarly golýazmalarynyň, nepis ýazuw ýadygärlikleriniň umumylygynyň köplügi aýratyn guwandyryjydyr.

Edebi hyzmatdaşlyklar halklaryň milli edebiýatlarynyň jemgyýetçilik häsiýetlerini, kämillik derejesiniň ösüşlerini, aýratynlyklaryny, täzeçillik başlangyçlaryny, döwürleýin täsirlenmelerini, ugurlaryny, aňlatmalaryny we adalgalaryny öwrenmeklige uly badalga berýär. Türkmen-hindi gatnaşyklarynyň ösüşiniň belent sepgitlerini, ýaýrawyny we taryhy subutnamalaryny Hazardan Haýdarabada, Jeýhundan Ganga çenli aralykda döredilen maddy, çeper we ruhy baýlyklaryň onlarçasynyň yzlarynda has-da aýdyň görmek bolýar. Hindi ýazuwly edebiýatynyň gözbaşy sanskrit, sogdy, tamil dillerinde döredilen, biziň eýýamymyzdan öňki VI-V asyrlar bilen senelenýän irki orta asyr «Weda», «Mahabharata», «Ramaýana», «Indra», «Budda», «Upanişada», «Kalila we Dimna», «Brahma», «Bharata», «Pançatantra», «Wişna» hem-de ýoga sungaty hakyndaky edebi kyssalardan, poemalardan, hekaýalardan, eposlardan alyp gaýdýar. Häzirki zaman hindi edebiýatynyň eserleri bu ýurtda 22 resmi dilde neşir edilýär. Dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna dünýewi, demokratik häsiýetli dramaturgiýa, poeziýa we proza žanrynyň eserleriniň goşulmagynda, teatral sungaty hem-de edebi tankydy ösdürmekde hindi halkynyň meşhur we tanymal ogullary Gülzaryň, Mahatma Gandiniň, Rabindranat Tagoryň, Munşi Dhenpratraý Şriwastaw Premçandyň atlary ilkinjileriň hatarynda agzalýar. Hindistanda Edebiýat akademiýasynyň, Padma Şri, Jawaharlal Neru adyndaky baýraklar medeniýet, döredijilik ugrunda iň ýokary döwlet sylaglary hasap edilýär.

100 ýyl mundan ozal dünýäniň köp döwletinde syýahatda bolan hindi halkynyň akyldary, Nobel baýragynyň eýesi Rabindranat Tagor «Russiýa barada hatlar» atly eseriniň 10-12-nji bölümlerinde 1931-nji ýylyň 11-25-nji sentýabry aralygynda biziň Diýarymyzda bolandygyny, ýurdumyzyň halk hojalygynyň önümçilik serişdelerine we olaryň ösüş depginlerine baý





ýurtlaryň hem-de halkymyzyň Ýer ýüzünde adamzat tarapyndan döredilen, ýokary ahlak häsiýetleri kemala getirýän, seýrek duş gelýän taryhy ähmiýetli maddy we ruhy gymmatlyklaryň, sungatyň, edebi mirasyň ilkinji ýüze çykan ülkeleriň biridigi baradaky pikirleri milli medeniýetimiz barada buýsandyryjy bolup ýaňlanýar.

Orta asyrlarda Hindistanyň dürli künjeklerinde dörän türkmen edebiýatynyň aýry-aýry wekilleriniň durmuşy, döredijilik ussatlyklary, poeziýanyň dili baradaky gymmatly taryhy çeşmeler Muhammet Hazynyň, Sadyky Kitapdaryň, Lutfaly beg Azeriň, Sam Mürzäniň, Muhammettahyr Nasyrabadyň, Abdylnebi Gazwininiň, Abdylkadyr Badaýunuň, Abdylbaky Nahawandynyň, Nyzameddin Hyratynyň, Allamynyň, Gülbeden Begimiň tezkirelerinde, antologiýalarynda, ýolýazgylarynda yzygiderli duş gelýär. Edebiýaty öwreniş ylmynyň taryhynda Muhammet Zahyreddin Babyr, Kutubuddin Bagtyýar Kaky, Emir Hysrow Dehlewi, Nureddin Muhammet Awfy Merwezi, Kutubuddin Aýbek, Abdyrahym han Türkmen, Alauddin Halajy, Mürze Galyp, Mir Dosty, Kyblan beg, Haşym Kyssa, Baýram han, Bidil, Hüseýinguly mürze, molla Jahy, Mürzeguly Meýli, Hasan han Şamly, molla Şeýdaýy, Ataby, Muhammetgylyç Üfleti ýaly şahsyýetler türkmen-hindi edebi hyzmatdaşlygyň binýadyny çeper haşamlan, gadymy hindi topragynda saýran türkmen bilbilleri hasap edilýär. Türkmen we hindi halklarynyň medeni-taryhy gatnaşyklarynyň gadymy kökleri bilen baglanyşykly Abu Reýhan Biruniniň, Keý-Kowsuň, Mahmyt Kaşgarynyň, Zamahşarynyň, Jelaleddin Rumynyň, Mahmyt Pälwanyň, Sagdynyň, Hafyzyň, Nyzamynyň, Nowaýynyň, Jamynyň, Lutfynyň, Ataýynyň, Andalybyň, Magtymgulynyň, Mollanepesiň eserlerinde, halk döredijilik nusgalarynda maglumatlar, çeper-liriki meňzetmeler duş gelýär.

Türkmen-hindi halklarynyň nusgawy medeni mirasynyň şöhratly taryhy sahypalaryny, edebi döredijilik gymmatlyklarynyň däplerini, çeper liro-epik, poeziýa, folklor žanrlaryndaky duýguly dünýäleriň we paýhas başarnyklarynyň gözelliklerini düýpli öwrenmäge B. Garryýew, M. Kösäýew, A. Meredow, A. Mülkamanow, T. Nepesow, Z. Muhammedowa, M. Öwezgeldiýew, A. Baýmyradow ýaly türkmen alymlary uly goşant goşdular. Dürli ýyllarda dostlukly hindi halkynyň edebiýatynyň aýry-aýry çeper, kämil nusgalaryny terjime edip türkmen okyjylaryna ýetirmekde, iki doganlyk halkyň köptaraply söz sungatynyň gözelliklerini wasp etmekde G. Seýitliýew, K. Gurbannepesow, G. Ezizow, A. Bekmyradow, B. Hudaýnazarow, M. Seýidow, K. Kulyýew, Ç. Aşyrow, N. Gullaýew, B. Kerbabaýew, K. Taňrygulyýew, A. Atabaýew ýaly ussatlaryň atlary we hyzmatlary ilkinjileriň hatarynda bellenmäge mynasypdyr. Edebi hyzmatdaşlyklaryň kökleri halklaryň durmuş, döredijilik babatdaky gatnaşyklaryna ylham berip täze taryhy gözýetimleri, ussatlyklary kemala getirýär.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# Türkmen-hindi hyzmatdaşlygy pugtalanýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hindistan Respublikasy ýokary derejede döwlet saparyny amala aşyrmak bilen ýurdumyz bilen gatnaşyklary has-da pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet we hormat goýýandygynyň nyşanydyr. Aşgabatda geçirilen ýokary derejedäki gepleşiklerde halk hojalygynyň ähli ugurlarynda hyzmatdaşlyk etmek babatda giň gerimde pikir alyşmalar boldy. Ulag we energetika ulgamlary türkmen-hindi ykdysady hyzmatdaşlygynyň



strategik ugurlary bolup, bu babatdaky tagallalar, esasan, Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisi, Merkezi Aziýa-Ýakyn Gündogar we Demirgazyk-Günorta ulag geçelgeleri ýaly iri halkara taslamalarda jemlenýär.

Ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň esasy maksady, ilkinji nobatda, Hindi ummanyndaky deňiz terminallaryna barýan Ýewraziýa geçelgelerini döretmekdir. Türkmenistan çäkleri boýunça Pars aýlagyna, Eýranyň portlaryna, şol ýerden bolsa Hindistana barylýan ýeke-täk örän gysga ýoly üpjün edýän ýurt hökmünde bu ugra uly ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabat duşuşygynda hormatly Prezidentimiziň Çabahar we Türkmenbaşynyň Halkara deňiz portlarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda göni gepleşikleri guramak baradaky teklibi goldanyldy. Bellenilişi ýaly, Özbegistan-Türkmenistan-Eýran-Oman-Katar ulag geçelgesiniň taslamasy hem bu ugurdaky mümkinçilikleriň örän giňdigini alamatlandyrýar.

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hindistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda medeniýet we sungat babatda 2022-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk etmegiň Maksatnamasy bolsa, esasan, saz, tans, teatr, sungat, sergiler, maslahatlar, arheologiýa, arhiw hem-de kitaphana işi, muzeý, edebiýat, ylmy barlaglar we resmileşdirme, festiwallar, ýaşlar maksatnamalary ýaly anyk ugurlarda özara hyzmatdaşlygy ösdürmäge degişli wezipeleri özünde jemleýär.

Medeni hyzmatdaşlyk Türkmenistan bilen Hindistanyň özara gatnaşyklarynda ileri tutulýan ugurlaryň biri. Dostlukly ýurduň Lideriniň saparyň medeni maksatnamasynyň çäginde türkmen raýatlary bilen duşuşmagy, Mahatma Gandiniň Aşgabatdaky heýkeline gül goýup, Ýoga we adaty lukmançylyk merkezine baryp görmegi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda çykyş edip, ol ýerde döredilen «Hindi burçunyň» açylyşyna gatnaşmagy, Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda bolmagy şol ýakynlygyň gymmatyna has içgin göz ýetirmäge mümkinçilik berdi.

Ýurdumyzyň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň birinde «Hindi burçunyň» açylmagy Türkmenistanda hindi halkynyň taryhy we ruhy mirasyny öwrenmek üçin ygtybarly binýada öwrüler. Bu ýere gelýänler Hindistanyň häzirki döwri we milli baýramlary, däpleri hem-de özboluşly tebigaty barada maglumat alarlar. Şeýle hem bu ýerde hindi halk saz gurallary goýuldy, dürli dillerde neşir edilen kitaplardan, nusgawy eserlerden, çeper edebiýatlardan, döwürleýin neşirlerden, Hindistanyň taryhy we däp-dessurlary barada gürrüň berýän surat albomlaryndan ybarat kiçi kitaphana bar.

Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmen-hindi dostlukly gatnaşyklary bu gün täze many-mazmuna, döwrebap keşbe eýe bolýar. Ähli ugurlar bilen bir hatarda, medeniýet ulgamynda-da netijeli hyzmatdaşlyklaryň ýola goýulmagy, dostluk owazlarynyň belentden ýaňlanmagy möhüm ähmiýete eýedir.

**Nurjahan RAHMANBERDIÝEWA,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky 24-nji orta mekdebiň başlangyç synp mugallymy.*

# Daşky gurşawy goramak – baş maksadymyz

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ynsan saglygyny goramakda we daşky gurşawa aýawly çemeleşmekde uly ähmiýete eýe bolan miweli, saýaly baglary ösdürip ýetişdirmek, ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek ugrunda netijeli işler giň gerim bilen alnyp barylýar. Ýaz we güýz aýlarynda ählihalk bag ekmek dabaralary geçirilýär.

Ynsanlaryň sagdynlygy we ruhubelentligi şu günüň hem-de geljegiň arassa howa şertlerine, daşky gurşawyň durnukly ýagdaýynyň saklanmagyna, tebigy serişdeleriň tygşytly ulanylmagyna hem-de ekologiýa ulgamlarynyň indiki nesillere has gözel görnüşde ýetirilmegine aýratyn talaplary bildirýär. Şu nukdaýnazardan, adamzadyň röwşen geljeginiň hatyrasyna tebigatyň üýtgewsizligini gazanmak, onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak üçin uzakmöhletleýin halkara we milli ekologiýa çäreleri meýilleşdirilýär. Onuň çäklerinde BMG-niň tebigaty goramak baradaky konwensiýalarynyň birnäçesine goşulýan ýurdumyzyň ekologiýa kanunçylygy umumy ykrar edilen halkara ýörelgeler we milli gymmatlyklar esasynda yzygiderli kämilleşdirilýär.

Bütindünýä saglyk güni mynasybetli Aşgabat şäher häkimliginiň we ýurdumyzyň Jemgyýetçilik guramalarynyň başlangyjy bilen ekologiýa çäresi göz öňünde tutuldy. Paýtagtymyzda ýola goýlan bu başlangyç awtomobillerden daşky gurşawa zyýanly zyňyndylary azaltmakdan we ekologiýa ulagy hökmünde welosipedi şäher ulag hereketine goşmakdan ybaratdyr. Ýakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy esasynda «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi bolsa bu jemgyýetçilik ulagynyň – welosipediň ähmiýetini has-da artdyrdy. Paýtagtymyzda awtoulaglaryň hereketiniň çäklendirilmegide daşky gurşawy goramakdan, ekologiýany arassa saklamakdan, raýatlarymyz üçin sagdyn durmuş ýörelgesini ösdürmekden, şeýle-de welosiped ýörişleriniň yzygiderli ýola goýulmagyndan ybaratdyr.



Häzirki döwürde döwlet syýasaty ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, şol sanda daşky gurşawy goramaga we aýap saklamaga hem-de rejeli peýdalanmaga gönükdirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynda: «Her bir adamyň jany we saglygy üçin amatly daşky gurşawa, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumata we ekologiýa kanunçylygynyň bozulmagy ýa-da tebigy betbagtçylyk netijesinde saglygyna we emlägine ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugy bardyr. Döwlet ilatyň sagdyn ýaşaýyş şertlerini goramak we üpjün etmek, daşky gurşawy goramak we onuň durnukly ýagdaýyny saklamak maksady bilen tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýär. Her bir adam tebigaty goramaga, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmäge borçludyr» diýlip bellenilýär.

Ýurdumyzda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, onuň ösümlik we haýwanat dünýäsini baýlaşdyrmak, gözel tebigatymyzy aýawly saklamak boýunça döwletimiz tarapyndan maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Daşky gurşawy goramak ulgamynyň kanunçylyk binýadyny has-da berkitmek we kämilleşdirmek boýunça hem netijeli işler alnyp barylýar. Bu ulgamda hereket edýän kanunçylygyň kämilleşdirilmegi döwlet ekologiýa syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Milli Liderimiziň başyny başlan «Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy», «Türkmenistanyň Aral boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy», «Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynyň» rejelenen görnüşi, «Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasy» tapgyrlaýyn amala aşyrylyp, ýurdumyzyň we sebitiň ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen maksatnamalaýyn işler durmuşa ornaşdyrylýar. Şonuň netijesinde her ýylyň ýaz we güýz aýlarynda ýurdumyz boýunça saýaly, pürli, miweli agaçlary ekmek, öňden bar bolanlaryna ideg etmek asylly däbe öwrüldi.

**Hudaýnazar HAÝYTMURADOW,**
*Döwletli etrabynyň ylym we bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynyň başlyklarynyň Geňeşiniň başlygy.*

# Welosiped – ekologiýa taýdan arassa ulag

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Welosiped dünýäde ekologiýa taýdan iň arassa, elýeterli we ygtybarly ulag görnüşi hökmünde giňden ulanylýar. Beýleki ulag serişdelerine garanyňda, ony dolandyrmak hem aňsat. Welosiped sporty bolsa sportuň gyzykly görnüşi bolmak bilen, beden saglygyny berkitmekde möhüm orny eýeleýär. Garaşsyz ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty dünýä derejesinde ösdürmek, jemgyýetimizde sagdyn durmuş kadalaryny ornaşdyrmak arkaly halkymyzyň saglygyny berkitmek, sagdyn we ruhy taýdan kämil ýaşlary ýetişdirmek üçin uly alada edilýär.

2018-nji ýylda Milletler Bileleşiginiň 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek hakyndaky Kararnamasy hem Garaşsyz ýurdumyzyň başlangyjy boýunça hödürlendi. Bu bolsa dünýäde parahatçylygy, dostlugy hem-de netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak barada ýurdumyzyň öňe sürýän syýasatynyň doly ykrar edilýändigine şaýatlyk edýär. Berkarar döwletimizde her ýyl yzygiderli görnüşde dürli ýaşdaky watandaşlarymyzyň müňlerçesini jemleýän köpçülikleýin welosipedli ýörişleriň guralmagy, awtoulagsyz günüň yglan edilmegi türkmen jemgyýetinde indi asylly däbe öwrüldi. Şunuň bilen baglylykda, 2018-nji ýylda Aşgabat şäherinde Bütindünýä welosiped gününe bagyşlanyp, welosipediň ähmiýetini görkezmek, ýol hereketiniň howpsuzlygyny we ekologiýa abadançylygyny wagyz etmek baradaky çäreleri öz içine alýan, welosiped sürmek boýunça köp sanly ildeşlerimiziň gatnaşmagynda okuw sapagy geçirildi. 2019-njy ýylda bolsa Aşgabatdaky Olimpiýa şäherçesinde 2019 welosipedçiniň gatnaşmagynda «Iň dowamly bir nyzamly welosipedli ýöriş» geçirildi. Bu iki çäräniň hem «Ginnesiň rekordlar kitabyna» girizilendigini belläsimiz gelýär.

Türkmenistanyň başlangyjy bilen şu ýylyň 15-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň Milletler Bileleşiginiň ähli agza ýurtlary tarapyndan biragyzdan kabul edilmegi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň daşary syýasatynyň nobatdaky uly ýeňşi bolup durýar.



Halkymyzy ýurdumyzyň at-abraýyny halkara derejede belende göterýän bu möhüm ähmiýetli wakalar mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Bu Kararnamanyň döredijileri bolup 62 sany döwletiň çykyş etmegi bolsa bu wakanyň ähmiýetini has-da artdyryp, ýurdumyzda durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi wagyz etmegiň we onuň jemgyýetçilik ulag ulgamyna girizilmeginiň halkymyz tarapyndan giňden goldanylýandygyny görkezýär.

**Döwletmyrat ORAZMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# Ykdysadyýetiň ösüşinde telekeçiligiň orny

**Häzirki wagtda kabul edilen döwlet maksatnamalarynda bellenen esasy ugurlar üstünlikli alnyp barylýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ykdysady gatnaşyklary çuňlaşdyrmak, döwlet eýeçiliginiň dolanyşygyny yzygiderli kämilleşdirmek ösüşleriň zerur şerti bolup durýar. Ykdysadyýetiň netijeliligini ýokarlandyrmakda telekeçiligiň ähmiýeti uludyr. Onuň giň gerimde ösdürilmegi, içerki sarp ediş bazarlarynda haryt bolçulygynyň artdyrylmagy hususy önüm öndürijileriň arasyndaky bäsdeşligi yzygiderli güýçlendirýär. Bäsdeşlik bolsa, öz gezeginde, öndürilýän önümleriň hiliniň ýokarlanmagyna we möçberiniň artmagyna getirýär.**

Pudagy ösdürmek maksady bilen Türkmenistanda milli kanunçylyk binýady berkidildi. Bu ugurda täze kanunlaryň birnäçesi kabul edildi. Olaryň hatarynda «Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda», «Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda», «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary telekeçilik işinde ýüze çykýan meseleleri düzgünleşdirýär we hususyýetçilik işiniň hukuk esaslaryny kesgitleýär. Toplumlaýyn we yzygiderli durmuşa geçirilýän bu işler döwlet bilen hususy ulgamyň arasynda oňyn hyzmatdaşlygyň gerimini giňeldýär.

Ýurdumyzyň telekeçileri içerki bazarlarda haryt bolçulygyny döretmekde, önüm öndürmekde we gurluşyk pudagyny ýokarlandyrmakda netijeli işleri alyp barýarlar. Hakykatdan-da, her bir ýurduň ösüşinde uly wezipäni eýeleýän ugurlaryň esasylarynyň biri hususy telekeçilik işidir. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň ykdysadyýetiniň ösmegine uly goşant goşýan telekeçilik işini ösdürmekde we kämilleşdirmekde



ýurdumyzda netijeli işler durmuşa geçirilýär.

Telekeçilik işine başlamak we ýola goýmagy amala aşyrmak üçin zerur serişdeleriň iň möhümi maliýe serişdeleridir. Sebäbi maliýe serişdeleri ýeterlik bolan ýagdaýynda telekeçilik işini ýola goýmak we üstünlikli amala aşyrmak üçin zerur bolan maddy-tehniki serişdeler, emläkler ýaly beýleki serişdeleriň ählisini satyn ýa-da kärendesine alyp bolýar. Bu bolsa ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge we döwletimiziň eksport kuwwatyny artdyrmaga mynasyp goşant goşmaga ýardam edýär.

Ýurdumyzda umumy içerki önümiň düzüminde ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň paýy ýylsaýyn artýar.

2008-nji ýylyň 17-nji martynda döredilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi döwletimiziň ykdysady gurluşynda milli telekeçiligiň, hususy sektorlaryň mynasyp orny eýelemegine ýol açdy. Häzirki wagtda bu birleşme özüniň döredileniniň 14 ýyllygyny belleýär. Indiki hepde birleşmäniň agzalarynyň köp sanlysynyň gatnaşmagynda sergi we maslahat guralar. Onda telekeçiler berkarar döwletimizde öz gazanýan üstünliklerini ýene-de bir gezek köpçülige görkezmäge mümkinçilik alar.

Umuman, ýurdumyzda bazar gatnaşyklaryna geçmekde düýpli özgertmeler amala aşyrylýar, ykdysadyýetde döwlete dahylsyz pudagyň paýy barha artýar. Bazarlarymyzda telekeçileriň öndüren azyk önümleri, dürli miweleri, ter gök önümleri, umuman olaryň döredýän haryt bolçulygy halkyň islegini kanagatlandyrmaga ýardam berýär.

Häzirki wagtda telekeçilere döwlet tarapyndan yzygiderli berilýän goldawlaryň netijesinde, ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly import harytlaryň ornuny tutýan ýerli harytlaryň önümçiligi giň gerim bilen ýola goýulýar. Şeýle hem ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasy durmuşa geçirilýär.

**Atabaý MOMMYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Bilim – üstünlikleriň açary

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ruhy gymmatlyklarymyzyň hatarynda mynasyp orny eýeleýän ylym-bilimiň has-da uly ähmiýete eýedigini belläsimiz gelýär. Çünki bilim-ylym ähli ösüşleriň, galkynyşlaryň binýady, ykdysadyýetiň kuwwaty hasaplanýar. Ylmyň we tehnologiýanyň ösýän döwründe islendik döwletiň kuwwaty bilimiň we ylmyň ösüş derejesi bilen, adamyň sowatlylygy bilen kesgitlenýär. Şunda jemgyýetiň intellektual mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak möhüm ähmiýete eýedir. Öňdebaryjy ylmyň gazananlaryndan netijeli peýdalanmak möhümdir.**

Bagtyýar ýaşlarymyzyň ýokary derejede bilim almagyna, saýlan hünäriniň eýesi bolmagyna ýardam bermek, olary ylyma-bilime höweslendirmek, halallyk, agzybirlik, watançylyk ruhunda terbiýelemek baradaky alada ýurdumyzda alnyp barylýan işleriň özeni bolup durýar. Milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek ýolundaky giň gerimli başlangyçlar halkymyzyň şu gününe we ýagty ertirine ynamyny artdyrýar we ruhubelent zähmet çekmäge höweslendirýär. Halkyň eşretli durmuşy gözbaşyny ylym-bilim ulgamynyň kämilleşmeginden alyp gaýdýar. Bilim almaga, ylym öwrenmäge bolan isleg kämillige, bagtyýarlyga tarap ilkinji ädimlerdir, döwletiň berkararlygyny, halkyň bagtyýarlygyny dabaralandyrýan hakykatdyr.

Hemmetaraplaýyn ösüşiň depgininiň ýokarlanmagy jemgyýetiň ylmy-tehniki kuwwatyna bagly bolup durýar. Ykdysady taýdan ösen döwletler geljekde öz jemgyýetleriniň telekommunikasion tehnologiýalaryň esasynda ösmegi, has ýokary derejeli ykdysady ne-



tijeliligi gazanmak üçin ähli şertleri döredýärler.

Innowasion tehnologiýalar jemgyýete has çylşyrymly syýasy, ykdysady, medeni, ylmy, tehnologiki we önümçilik taslamalaryny amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Öz gezeginde, tehnologiýalaryň täsiri astynda üýtgäp durýan jemgyýet ozal bar bolan tehnologiýalary netijeli peýdalanmaga ukyplydyr. Bu bolsa ylmy, tehniki we tehnologiki ösüş üçin hem, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagy üçin hem amala aşyrylyp bilner. Ylym adamy täze ösüşlere ugrukdyrýan bolsa, tehnika özgerişleriň guraly, tehnologiýa hem özgerişleriň usuly bolup durýar.

Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagyna, olaryň esasynda dolandyryşyň döwrebap ulgamlaryny emele getirmäge, elektron senagatyny ösdürmäge, innowasiýa häsiýetli önümçilikleri we ykdysadyýetiň täze ugurlaryny döretmäge aýratyn ähmiýet berilýär. «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda amal edilýän işler ýurduň ykdysadyýetiniň hemme ugurlarynda, şol sanda bilim ulgamynda hem düýpli özgertmeleriň geçirilmegine oňyn täsir edýär. Bu jähetden, biziň institutymyzda hem bilimleriň çuňlaşdyrylyp özleşdirilmeginde, dünýä tejribesini öwrenmekde, çylşyrymly tehnologiýalardan baş alyp çykmakda sanly bilim ulgamynyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanylýar.

Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar. Şonuň bilen bir hatarda häzirki zaman tehnikalary we tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan ençeme desgalar yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Bu desgalaryň hatarynda çagalar baglary, orta we ýokary okuw mekdepleri hem-de Tehnologiýalar merkezi bar. Bularyň ählisi şu günki we ertirki nesiller barada edilýän aladadyr.

**Hiwali HÜMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Serbiýada Prezident saýlawlary

3-nji aprelde geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda 58,57% ses alyp, Serbiýanyň häzirki Prezidenti Aleksandr Wuçiç ýeňiş gazandy. Şeýle hem onuň ýolbaşçylygyndaky Serbiýanyň ösüş partiýasy, parlamentdäki iň köp orna eýe boldy. Bu barada Respublikan saýlaw toparynyň başlygy Wladimir Dimitriýewiç habar berdi.

Prezident saýlawlarynda Wuçiç («Bilelikde hemme işi başararys» koalisiýasy) 58,57% ses bilen ýeňiş gazandy. Ikinji orunda 18,35% ses bilen Baş ştabyň öňki başlygy Zdrawko Ponoş («Serbiýanyň ýeňşi üçin bileleşik»), üçünji orunda bolsa, 5,96% bilen Miloş Ýowanowiç gelýär. Şeýle-de, Boşko Obradowiç («Watançylyk bileleşigi») 4,37%, Milisa Jurjewiç-Stamenkowskiý («Zawetniki» partiýasy) 4,25%, Bilýana Stoýkowiç («Biz hökman» koalisiýasy) 3,21%, Branka Stamenkowiç («Özygtyýarlylar») 2,03%, Mişa Wasis («Serbiýanyň watançysy» koalisiýasy) 0,87% sese eýe boldular.

Parlament saýlawlarynda bolsa, Aleksandr Wuçiçiň «Bilelikde hemme işi başararys» koalisiýasy 42,97% ses bilen iň köp orna eýe boldy. Marinika Tepiçiň ýolbaşçylygyndaky «Serbiýanyň ýeňşi üçin bileleşik» koalisiýasy 13,6% ses bilen ikinji orny eýeledi. Iwisa Daçiçiň ýolbaşçylygyndaky Serbiýanyň Sosialistik partiýasy 11,48%, NADA koalisiýasy 5,38%, Bilýana Stoýkowiçiň ýolbaşçylygyndaky «Biz hökman» koalisiýasy 4,65%, Boşka Obradowiçiň «Watançylyk bileleşigi» 3,83%, Milisa Jurjewiç-Stamenkowskiniň «Zawetniki» partiýasy



3,74% sese eýe boldy. Beýleki partiýalar bolsa, 3%-den geçip bilmedi.

Prezident we nobatdan daşary parlament saýlawlaryndan başga-da, Belgrad şäher geňeşine, hem-de Serbiýanyň 12 häkimliginiň geňeşine saýlawlar geçirildi. Saýlaw toparynyň habaryna görä, Serbiýada 6,502,307 raýatyň ses bermäge hukugy bar. Serbiýanyň saýlaw topary ozal Mejlisde 250 orna dalaş edýän 19 sany syýasy partiýany we koalisiýany hasaba alandygyny habar beripdi. Olar mejlisiň täze çagyryşyna girmek üçin sesleriň üç göterim böwedinden geçmeli boldylar. Prezidentlige sekiz kandidat dalaş edip, olar bir ýa-da birnäçe saýlaw blogy tarapyndan goldanyldy.

# Wiktor Orbanyň ynamly ýeňşi

Premýer-ministr Wiktor Orbanyň ýolbaşçylygyndaky dolandyryjy partiýa «FIDES – Wengriýanyň raýat bileleşigi» 3-nji aprelde Wengriýada geçirilen parlament saýlawlarynda ynam-



ly ýeňiş gazandy. Saýlaw býulletenleriniň, takmynan, 100%-i sanalandan soň, Milli saýlaw topary FIDES we «Hristian demokratik halk partiýasynyň» sesleriň 53%-ini alandygyny we bir mandatly 88 saýlaw okrugynda ýeňiş gazanandygyny habar berdi.

Şeýlelikde, Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban dördünji möhlete öz wezipesinde galyp, FIDES we «Hristian Demokratik Halk Partiýasy» koalisiýasy parlamentdäki ornuny berkitdi. Häkimiýet başyndaky bileleşik konstitusiýa köplügini saklap, öňki çagyryşdan iki orun artyk 199-dan 135 orna eýe bolar.

Bu saýlawlara «Wengriýa üçin bileleşik» diýlip atlandyrylýan alty sany partiýa koalisiýa döretdi. Onuň lideri, Hodmezýowaşarheý şäheriniň häkimi aram konserwator Piter Marki-Zaý boldy. Bu koalisiýa partiýalaryň sanawynda sesleriň bary-ýogy 35%-ini alyp, bir mandatly 18 okrugda ýeňiş gazanmagy başardy. Bu ýagdaý oňa diňe 56 orny eýelemäge mümkinçilik berdi.

Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban, öz ýeňşini Budapeştiň aram syýasaty bilen baglanyşdyryp, «Biz has uly bäsdeşlere döz gelmeli bolduk» diýip, belledi.

Jemgyýetçilik pikir soralyşyklaryň yzygiderli geçirilmegi bilen subut edilişi ýaly, soňky üç aýyň dowamynda «FIDES-HDP» öňdeligi eýeläpdi. Şeýlelik bilen, geçen aýyň pikir soralyşyklarynda «FIDES-HDP» takmynan 50%, «Wengriýa üçin bileleşik» 40%-den gowrak sese eýe bolupdy. Milli saýlaw topary bu saýlawlara 8,2 million saýlawçynyň ses bermäge hukugynyň bardygyny habar beripdi.

58 ýaşly Wiktor Orban Ýewropada giňden tanalýan syýasatçy bolup, ýurduň içinde hem meşhurdyr. Onuň tarapdarlary, uzak wagtlap dowam eden ykdysady durgunlykdan soň ýurdy özgerdendigini belleýärler. Öňki parlament saýlawlary Wengriýada 2018-nji ýylyň aprelinde geçirildi. Şondan soň, täze saýlanan parlament Wiktor Orbany Premýer-ministr saýlady. Merkezi Ýewropada ýerleşýän Wengriýanyň 10 milliona golaý ilaty bar.

# Makron we Le Pen öňe saýlanýar

«Ipsos-Sopra Steria» tarapyndan geçirilen pikir soralyşykda Fransiýanyň häzirki Prezidenti Emmanuel Makron bilen Prezident saýlawlarynda onuň esasy garşydaşy, aşa sagçy Milli bileleşik partiýasynyň lideri Marin Le Peniň arasyndaky tapawut 6,5 göterime çenli azaldy.

Pikir soralyşygyň netijelerine görä, saýlawçylaryň 26,5%-i birinji tapgyrda Makrona, 20%-i bolsa, Le Pene ses bermäge taýyn. Mart aýynyň ortalarynda Makronyň goldawy 31% bolan bolsa, Le Peniňki 16%-e deň boldy. Çepçi «Ýanbermez Fransiýa» partiýasynyň başlygy Žan-Lýuk Melanşon saýlawdan öňki sanawda üçünji orunda durýar. Ol pikir soralyşyklaryň netijelerine görä, saýlawlaryň birinji tapgyrynda, sesleriň 16%-ini eýeläp biler. Onuň saýlawdan öňki reýtingi soňky hepdelerde ýokarlandy. Melanşondan soň «Reconquest» partiýasyny esaslandyran Erik Zemmur (11%), bäşinji orunda merkezi sagçy Respublikan partiýasynyň dalaşgäri Waleri Pekress (9,5%) bar. «Ýewropa-Ekologiýa-Ýaşyllar» partiýasynyň dalaşgäri Ýannik Žado saýlawyň birinji tapgyrynda 6,5%, Kommunistik partiýasynyň milli sekretary Faben Russel 3%-e eýe. Pikir soralyşyklaryň netijelerine görä, Makron we Le Pen ikinji tapgyra çyksa, häzirki fransuz lideri 54% ses alyp ýeňiş gazanar.

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron gaýtadan saýlansa, ileri tutulýan ugurlaryndan biri geosy-



ýasy durnuklylyk üçin Ýewropa Bileleşigi bilen tagallalaryny birikdirjekdigini aýtdy.

«Ipsos-Sopra Steria» pikir soralyşygyna iki müňe golaý adam gatnaşdy. Fransiýada geçiriljek Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry 10-njy aprelde, ikinjisi 24-nji aprelde geçiriler. Iň ýokary döwlet wezipesine 12 syýasatçy dalaş edýär.

# Çawes öňdeligi eýeledi

Kosta-Rikada geçirilen Prezident saýlawlarynda öňki maliýe ministri Rodrigo Çawes ýeňiş gazandy. Ol sesleriň 52,86%-ine eýe boldy. Ol saýlawlaryň ikinji tapgyrynda, öňki Prezident Hose Mariýa Figeresden öňe saýlanmagy başardy.

Rodrigo Çawes 2019-2020-nji ýyllarda maliýe ministri bolup işledi. Ol merkezi sagçy Sosial-demokratik ösüş partiýasy tarapyndan hödürlenen dalaşgär. 1994-1998-nji ýyllar aralygynda ýurda ýolbaşçylyk eden Hose Mariýa Figeres bolsa, merkezi Milli azat ediş partiýasy tarapyndan dalaşgär görkezildi. Olar birinji tapgyrda degişlilikde, 27,28% we 16,78% sese eýe boldular.

Ikinji tapgyra ses berişlik 3-nji aprelde geçirilip, saýlawçylaryň gatnaşygy 57,33%-e deň boldy. Ýeňiji dört ýyllyk möhlet bilen (2022–2026) maý aýynda wezipesine girişer. Rodrigo Çawes öňki Prezidente hoşallyk bildirip, ony täze hökümetde bilelikde işlemäge çagyrdy. «Kosta-Rikanyň Konstitusiýasyna, kanunlaryna we gymmatlyklaryna hormat goýup, gepleşik geçirmäge ukyply



demokratik hökümet gurmagy maksat edinýärin» diýip, ol belledi. Kosta-Rikanyň häzirki Prezidenti Karlos Alwarado saýlanan Prezidenti gutlady. Rodrigo Çawesiň kasam kabul ediş dabarasy 8-nji maýda meýilleşdirilýär.

# HINDISTAN REKORD GOÝDY

Hindistanyň eksportynyň mukdary şu maliýe ýylynda (31-nji marta çenli) ilkinji gezek 400 milliard dollara ýetdi. Bu barada ýurduň Premýer-ministri Narendra Modi mälim etdi.

– Hindistan 400 milliard dollarlyk haryt eksportyny göz öňünde tutup, ilkinji gezek bu maksada ýetdi. Bu üstünlik bilen ýurdumyzyň zähmetkeşlerini, kiçi we orta kärhanalary, öndürijileri we eksportçylary gutlaýaryn. Bu ýurdumyzyň ykdysadyýetinde möhüm tapgyrdyr – diýip, ol belledi.

Ondan öň Hindistanyň söwda we senagat ministri Piýuş Goýal maliýe ýylynyň ahyryna çenli Hindistanyň eksportynyň 400 milliard dollardan geçjekdigini habar beripdi. 2020-




2021-nji maliýe ýylynda Hindistanyň eksporty 292 milliard dollara deň bolupdy.

# «Akmaýanyň ýolunyň» ýaşy uly bolup çykdy

Halkara astronomlar topary tarapyndan geçirilen täze barlaglarda, «Akmaýanyň ýoly» galaktikasynyň ozal çak edilişinden, takmynan, iki milliard ýyl ozal emele gelendigi ýüze çykaryldy. Bu onuň Älemdäki iň gadymy galaktikalaryň biridigine güwä geçýär. Barlaglaryň netijesi «Nature» žurnalynda çap edildi. Alymlaryň gelen bu netijesi, Ýewropa kosmos gullugy ESA-nyň «Gaia» missiýasy tarapyndan geçirilen gözegçiliklere esaslanýar. Astronomlara «Akmaýanyň ýolunyň» «galyň disk» diýilýän bölegini öwrenmek başartdy.

Täze maglumatlaryň seljermesi, galaktikamyzyň bu böleginiň, takmynan, 13 milliard ýyl ozal ýa-da «Uly partlamadan» 800 million ýyl soň emele gelip başlandygyny ýüze çykardy. Şeýlelik bilen, «Akmaýanyň ýoly» ozal çak edilişinden, takmynan, iki milliard ýyl ozal emele gelip ugrapdyr.

Şeýle hem, astronomlar «Akmaýanyň ýolunyň» taryhynyň iki tapgyryny kesgitlediler. Birinji tapgyrda «Uly partlamadan» 800 million ýyl soňra «galyň disk» ýyldyzlary emele getirip başlapdyr. Bu iki milliard ýyl töweregi dowam edipdir.



Mundan soň «Akmaýanyň ýolunyň» goňşy Girdenek galaktikasy bilen çaknyşygy bolupdyr, bu älem heläkçiligi «inçe diskiň» döremegine getiripdir, mundan soň ýene täze ýyldyzlar we Gün emele gelip başlapdyr diýip alymlar belleýärler. Iki galaktikanyň birleşmegi ýyldyzlaryň döremegine sebäp bolup, «galyň disk» henizem ýyldyzlary emele getirmegini dowam etdirýär.

# «Sagatlar we täsinlikler» sergisi geçirildi

30-njy martdan 5-nji aprel aralygynda Şweýsariýanyň Ženewa şäherindäki «Palexpo» sergi köşgünde «Watches and Wonders», ýagny, «sagatlar we täsinlikler» sergisi oflaýn hem-de onlaýn görnüşinde geçirildi. Mundan öň bu sergi «Sagat öndürijileriniň halkara sergisi» diýlip atlandyrylýardy. Bu sergä gatnaşan 38 kompaniýanyň arasynda sanly sungat bilen gyzyklanýan «Hermes» kompaniýasynyň sagat önümleri aýratyn göze ilýär.

— «Hermes»-iň önümleri diňe bir nesle däl-de, eýsem, birnäçe nesle hyzmat etmäge gönükdirilendir. Biz özümiziň ynanýan we haýran galdyrýan zatlarymyzy dörediýäris — diýip, kompaniýanyň başlygy Lorane Dorden belledi.

Sagat önümçiliginde ekologiýa hem aýratyn üns berilýär. Bu ýerde aýdyňlyk, innowasiýa we ykdysadyýet ýaly mowzuklar ara alnyp maslahatlaşylýar. Serginiň wise-prezidenti Emmanuel Perren, sagat öndürijiler üçin ekologiýa meselesiniň sagatlaryň täze dizaýny ýaly aýratyn ähmiýete eýe bolmalydygyny belledi.




Bu ugurda hereket etmegiň bir usuly täze materiallary ulanmakdyr. Şeýlelikde, «H. Moser & Cie» sagat kompaniýasy öz önümçiliginde sap altyn ulanyp, uglerod zyňyndylarynyň azalmagyna gözegçilik edýär.

# «Milliard agaç» gaznasyny döretdi

Mongoliýa agaç ekmek boýunça «Milliard agaç» kampaniýasyna goldaw bermek maksady bilen gazna döretdi. Bu barada Mongoliýanyň Prezidentiniň metbugat gullugy habar berdi.

Geçen ýyl Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden öz ýurdunyň howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine we çölleşmäge garşy göreşmek kararyna gelendigini we 2030-njy ýyla çenli azyndan 1 milliard agaç nahalyny ekmek boýunça tutuş ýurt boýunça milli kampaniýanyň resmi taýdan başlanandygyny habar beripdi.

Gaznanyň maksady tokaý döretmek, agaç nahallaryny ekmek we beýleki tebigaty goraýyş çäreleri üçin durnukly serişdeleri üpjün etmek maksady bilen gurluş we ulgam döretmekden ybarat. Mongol banklary assosiasiýasyna agza guramalaryň her ýylda, azyndan, 2 milliard mongol tugrikini – 679 müň dollary gazna bagyş etmegine garaşylýar. Mundan başga-da, 2030-njy ýyla çenli bank pudagynda ýaşyl karzlaryň paýy 10 göterime çenli ýokarlanar.




Mongoliýanyň meýdany 1,564,116 inedördül kilometre deň bolup, bary-ýogy 7,9 göterimi tokaýlar bilen örtülendir. 2020-2024-nji ýyllar üçin hökümet meýilnamasy zeper ýeten tokaýlary dikeltmek we tokaý meýdanyny 8,6 göterime çenli ýokarlandyrmak ýaly birnäçe möhüm çäreleri öz içine alýar.

# GÜN ULGAMYNDA IŇ SOWUK ÝERI TAPDYLAR

NASA-nyň alymlary Gün ulgamynda iň sowuk ýeriň Aýda ýerleşýändigini öňe sürýän barlaglaryny hödürlediler. Olar Ýeriň hemrasyndaky Gün tarapyndan hiç hili ýagtylyk düşmeýän çuňňur kraterlerdir. Barlag geçirijiler Aýyň kraterleriniň käbirinde «goşa kölegäniň» bardygyny aýdýarlar. Bu Gün şöhleleriniň hiç haçan ol ýere düşmeýändigini, şonuň üçin munuň Gün ulgamynda iň sowuk ýer bolup biljekdigini aňladýandygyny belleýärler.

Aýyň bary-ýogy 1,5 gradus gyşarmasy hem onda göni Gün şöhlesi düşmeýän ýüzlerçe krateriň bardygyny aňladýar. Aýyň polýuslarynyň golaýynda ýerleşen bu kraterleriň içinde temperatura - 170 gradusdan hem aşak düşüp bilýär, bu bolsa olary suw buzunyň ýygnanmagy üçin iň amatly ýere öwürýär. Barlag geçirijiler iň sowuk ýeriň Aýda ýerleşýändiginiň geň bolmagynyň mümkindigini, ýöne meseläniň ýyldyzlardan uzaklykda däl-de, Aýyň polýuslarynda hiç wagt gyzmaýan ýerleriň bolmagyndadygyny belleýärler.

«Olar ýylylygy diňe aşaky gatlaklardan alýarlar, ýöne bu olaryň emele gelmeginden ýa-da içerki radioaktiw bölünmeden soň galan içki ýylylygy aňladýar. Ýöne ýerli jynslar sowuklygyna galýar, sebäbi olar hem hiç hili ýylylyk almazdan, giňişlige - 263 gradusa çenli temperaturany erkin goýberýärler» diýlip, beýanatda bellenilýär.

Bu kraterlerdäki aşa pes temperaturalar suwuň gaýnama temperaturasyndan ýokary bolan Aý ekwatoryndaky temperaturalara garşydyr. Şol bir wagtyň özünde, Aý üstüniň temperaturasy ýylyň wagtyna görä üýtgeýär.



## DÜNÝÄ HABARLARY

gysga setirlerde

► **Nebit önümçiligini artdyrar.** OPEK+ ýurtlarynyň ministrler maslahatynda 2022-nji ýylyň maý aýynda nebit önümçiligini günde 432 000 barrele çenli ýokarlandyrmak kararyna gelindi. Bu barada duşuşykdan soň çap edilen beýanatda aýdylýar. Guramanyň indiki ýygnagy 5-nji maýda meýilleşdirilýär.




► **Osakada geçiriler.** 31-nji martda Dubaýda «Ekspo-2020» halkara sergisi öz işini tamamlady. Indiki «Ekspo-2025» halkara sergisiniň Osakada geçiriljekdigi sebäpli, çäräniň baýdagy ýaponiýaly wekillere dabara bilen gowşuryldy. Indi bu ýer iş merkezine we futuristik syýahatçylyk kwartalyna öwrüler. BAE-niň pawilýony bolsa bu ýeriň merkezi bolup galar.



► **Aý topragy auksiona çykarylar.** Nil Armstrong ilkinji gezek Aýa gonanda ol ýerden ýygnan topragy 800 müň dollara «Bonhams» auksionyna çykarylar. 1969-njy ýylda amerikan kosmonawty Ýeriň tebigy hemrasynyň üstüne gonanda bu toprak NASA agentligi üçin ýygnalypdy. Auksion 13-nji aprelde meýilleşdirilýär.



► **Marsa ugratmagy meýilleşdirýär.** ABŞ-nyň Milli awiasiýa we kosmos dolandyryş gullugy (NASA) 2040-njy ýyla çenli adamy Marsa ugratmagy meýilleşdirýär. «NASA-nyň meýilnamasy adamyň 2040-njy ýyla çenli Marsyň üstüne aýak basmagydyr» diýip, guramanyň başlygy Bill Nelson aýtdy.



► **Köne şaýy pullardan doly sandyk.** Beýik Britaniýanyň 38 ýaşly ýaşaýjysy Jenni Fisžerald suwa düşülýän kenardan içi köne şaýy pullardyr gymmatbaha daşlardan doly sandyk tapdy. Görlüp oturylsa, köne sandygyň içi wiktorian we Britaniýany XVIII asyryň aýagynda dolandyran Georg III döwürlerinden galan ýüzlerçe şaýy pullardan doly eken.



► **Gadymy eserleri gaýtaryp berdi.** ABŞ gadymy eserleri Liwiýa gaýtaryp berdi. Olaryň arasynda miladydan öňki IV asyra degişli iki heýkel bar. «Nykaply zenanyň kellesi» diýlip atlandyrylýan heýkeliň biri, ozal hususy kolleksioneriň ygtyýarynda bolupdyr. Beýleki grek heýkeli bolsa, 1998-nji ýyldan bäri Nýu-Ýorkdaky Metropoliten muzeýinde saklanypdyr.



► **Kämillik ýaşy üýtgedildi.** Ýapon Hökümeti ýurduň ýaşlarynyň kämillik ýaşyny peseltdi. Indi ýaşlar 20 ýaşdan däl-de, 18 ýaşdan kämillik ýaşyna ýeten diýlip hasaplanylar. Mundan başga-da, 18 ýaşyny dolduran ýaponlar banklar we beýleki guramalar bilen özbaşdak şertnama baglaşyp, ýaşaýyş jaýlaryny öz atlaryna kärendesine alyp bilerler.



► **Haýwanlar üçin köpri gurlar.** ABŞ-da haýwanlar üçin niýetlenen iň uly köpri Kaliforniýa ştatynda gurlar. Bu desga Los-Anjeles okrugynyň Santa-Monika daglary sebitindäki Agura-Hillz şäheriniň 101-nji gatnaw ýolunda gurlar. Onuň esasy maksadynyň awtoulaglaryň haýwanlar bilen gabatlaşmagynyň öňüni almakdygy habar berilýär.



► **Türki dünýäsiniň medeni paýtagty.** Azerbaýjanyň Şuşa şäheri 2023-nji ýylda türki dünýäsiniň medeni paýtagty diýlip yglan edildi. Bu karar Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň mejlisinde kabul edildi. Türkiýäniň Bursa şäheri 2022-nji ýylda türki dünýäsiniň medeni paýtagty hökmünde saýlanypdy.




## TARYHDA ŞU GÜN

1766-njy ýylyň 8-nji aprelinde ABŞ-da dünýäde ilkinji ýangyn söndürmek üçin niýetlenen merduwan patentleşdirildi. Bu oýlap tapyş arkaly nijeme ynsan ömri halas edildi. Şeýle-de, bu enjam halas edijileriň işini ýeňilleşdirdi. Ilkinji merduwanyň beýikligi 10 metr bolan bolsa, häzirkileriň beýikligi 112 metre çenli ýetýär.





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Doglan gününiň 100 ýyllygy bellener

Geljek ýyl Russiýada meşhur sowet şahyry Resul Gamzatowyň «milli medeniýete goşan goşandy» göz öňünde tutulyp, doglan gününiň 100 ýyllygy bellenip geçiler. Häzirki wagtda Russiýada guramaçylyk topary döredilip, esasy çäreleriň meýilnamasy işlenip düzülýär.

Ýazyjynyň eserleri diňe bir Russiýada we Dagystanda däl, eýsem, bütin dünýäde hem giňden tanalýar. «Alysdaky ýyldyzlar», «Gadymy ýazgylar», «Meniň doglan ýylym», «Dagly zenan» ýaly köp sanly meşhur eserleriň awtory 1923-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda Dagystanyň Sada obasynda dünýä inýär. 1950-nji ýylda Moskwanyň M.Gorkiý adyndaky edebiýat institutyny tamamlan şahyr Dagystanyň ýazyjylar birleşiginiň müdiriýetiniň başlygy wezipesine bellenip, ömrüniň ahyryna çenli şol ýerde işleýär.

Resul Gamzatowyň goşgularynyň köpüsi öz wagtynda aýdym bolup ýaňlandy. Olar 1960-njy ýyllarda ozalky Sowet Soýuzynda tanymal aýdymçylar tarapyndan ýerine ýetirildi. Kompozitor Ýan Frenkel şahyryň «Durnalar» atly goşgusyna saz ýazdy. Şeýlelikde, Mark Bernes tarapyndan ýerine ýetirilen aýdym öz döwründe radioda, telewideniýede ýaňlandy. Durnalaryň şekili Watan üçin söweşlerde gurban bolan esgerleriň ýadygärliklerini ebedileşdirdi, awtora ýurduň we dünýäniň dürli künjeklerinden hatlar gelip gowuşdy. Soňlugy bilen bu aýdym Beýik Watançylyk urşundan gaýdyp gel-



medik esgerleriň simwolyna öwrüldi. Gamzatowyň şygryýeti çuňňur watansöýüjilik duýgusyna eýlenendigi, pelsepewi pikirlere hem-de milli-folklor äheňlere baýdygy bilen tapawutlanýar. Resul Gamzatowyň türkmen diline terjime edilen şahyrana we kyssa eserleri türkmen okyjylary tarapyndan hem gyzgyn garşylandy. Gamzatow 2003-nji ýylyň 3-nji noýabrynda Moskwada aradan çykdy.

# «Uly kitap» üçin bäsleşerler

Golaýda Russiýanyň abraýly «Uly kitap» («Большая книга») edebiýat baýragyna dalaşgärleriň eserlerini kabul etmek işleri tamamlandy. Guramaçylar ýurduň dürli şäherlerinden we daşary ýurtlaryň 18-sinden 303 sany çeper eseriň gelip gowşandygyny habar berdiler. Indi hünärmenler geňeşi tarapyndan uzyn sanaw düzüler. Gatnaşanlaryň köplüginiň «Uly kitabyň» ýurduň esasy edebi baýragy hökmündäki abraýynyň uludygyny ýene-de bir gezek tassyklandygy habar berilýär.

Baýragyň guramaçylary Russiýanyň dürli sebitlerinden bolan dalaşgärlerden başga-da ABŞ-dan, Türkiýeden, Gruziýadan, Germaniýadan, Kanadadan, Daniýadan, Şweýsariýadan, Latwiýadan, Litwadan, Çehiýadan, Belgiýadan, Niderlandlardan, Beýik Britaniýadan, Hytaýdan, Ysraýyldan we beýleki ençeme döwletlerden awtorlaryň bardygyny belleýärler. Bu ýagdaý baýragyň taryhynda ilkinji gezekdir. Guramaçylar baýraga eserlerini hödürlän ýazyjylaryň arasynda meşhur awtorlaryň hem köpdügini habar berdiler. Baýragyň esasy dalaşgärleriniň uzyn sanawy aprel aýynyň ahyrynda mälim ediler we ýeňijiler ýylyň ahyrynda belli bolar.



**Aýsenem HYDYRGULYÝEWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Magtymguly adyndaky merkezi kitaphananyň bölüm müdiri.*




Taryhda türkmen we hindi halklarynyň edebiýatynyň has ýakyn bolan döwürleriniň köpsanly mysallaryny tapmak bolýar. Muňa orta asyrlaryň ýyl ýazgylary hem aýdyň şaýatlyk edýär. Türkmen halkynyň beýik ogullary – döwlet işgäri, serkerde, Gündogaryň zehinli şahyry Baýram Han (1501-1561) we onuň ogly – Beýik Mogollar imperiýasynyň baş weziri, şahyr Abdyrahym Han (1556-1622) Hindistanyň taryhyna şöhratly sahypalary ýazdylar. Türkmen we hindi halklarynyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan taryhy, ruhy we edebi gatnaşyklary häzirki wagtda iki ýurduň ynsanperwerlik ulgamyndaky hyzmatdaşlygyny giňeltmek üçin kuwwatly binýat bolup hyzmat edýär.

Hindi edebiýaty – gadymy we täze hindi dilinde (sanskrit, bengal, hindi, urdu we beýlekiler) ýazylan hindi yklymynyň edebiýatydyr. Bu ýurduň gadymy ýazuw dili – sanskritçe ýazylan edebiýat uly abraýa eýe bolup, hindi edebiýatynyň edebi ýörelgesine öwrülipdir. Ol iki ýa-da üç esasy döwre bölünip, biri-biriniň üstüni täzeden doldurýar. Weda käbir barlag geçirijileriň pikirine görä, miladydan 2 müň ýyl ozal döräpdir. Epiki döwür bolsa, takmynan, miladydan 6 asyr öň döräp, miladynyň IV asyryna çenli dowam edipdir. Nusgawy edebiýat bolsa, çen bilen miladynyň II asyryndan häzirki günlere çenli aralygy öz içine alýar.

Has uly gyzyklanma döredýän iki sanskrit şadessany «Mahabharata» we «Ramaýanadyr». «Mahabharata» takmynan, miladydan öň, IV asyrdan miladynyň IV asyryna çenli aralykda döredilipdir. «Ramaýana» miladydan öň IV we miladynyň II asyr aralygynda gutarnykly kämilleşipdir.

Sebit dillerindäki hindi edebiýaty has giň bolup, onuň has uly bölegi sanskritçe ýazylan edebi çeşmelerdir. X asyrdan başlap, gadymy drawid, hindi-eýran dilleri aýratyn diller hökmünde ösüp başlaýar. Netijede, her bir sebitde özbaşdak edebiýat kemala gelip ugraýar. Mundan başga-da, XII asyrdan başlap, hindi edebiýatyna belli bir derejede yslam täsirini ýetirýär. Käbir diller bolsa, pars we arap dilleriniň güýçli täsiri astynda galýar. Sebit edebiýatynda gadymy sanskrit eserleri peýdalanylyp, gadymy rowaýatlaryň we şadessanlaryň özboluşly ýerli görnüşi döredilipdir.

XIX asyrda hindi edebiýatynyň ösüşinde ep-esli derejede britan edebiýatynyň täsiri duýulýar. XIX asyryň ikinji ýarymynda ýerli dillerdäki sebit edebiýaty gadymdan gelýän žanrlary emele getirýär we şol bir wagtyň özünde günbataryň edebi galyplaryny özleşdirýär. Şeýlelikde, hindi we iňlis dillerinde gazet-žurnallar neşir edilip başlanýar.

Hindistanyň «Halkyň kalby» senasy Rabindranat Tagor (1861-1941) tarapyndan ýazylýar. Bu sena 1911-nji ýylda ilkinji gezek bengal dilinde ýerine ýetirilip, 1950-nji ýylda hindi diline geçirilýär we resmi taýdan döwlet senasy hökmünde tassyklanýar. Tagor – dürli romanlaryň, pýesalaryň we şahyrana eserleriň awtory bolup, 1913-nji ýylda Nobeliň edebiýat boýunça baýragyna mynasyp bolýar.

XIX asyryň ahyrlary XX asyryň hem başlarynda hindiçe ýazan awtorlardan ýazyjy-magaryfçy Bharatendu Harişçandra (1850–1885) belli bolup, edebi diliň reformatorydyr. Ol edebi dili halkyň gepleşik diline golaýlaşdyryp, dramaturgiýa we şygryýet žanrlarynda täzelikçi bolupdyr.

Hindistan 1946-njy ýylda garaşsyzlygyny alandan soňra, merkezi hökümetiň 14 sany esasy sebit dilleri esasynda, hindi bileleşiginiň öz içindäki ştatlary täzeden guramak baradaky karary, ähli sosial-medeni, şol sanda Hindistanyň edebiýatynyň ýagdaýyny hem özgertdi. Ýurtdaky syýasy wakalar iňlis diline we beýleki ştatlaryň edebiýatyna bolan gyzyklanmany artdyrýar hem-de bir ştatyň dilinden iňlis diline terjime edilen eserler peýda bolýar. 1954-nji ýylda hindi hökümeti ştatlaryň edebiýatyna intellektual we maliýe ýardamyny bermek maksady bilen Edebiýat akademiýasyny esaslandyrýar. Bu akademiýa eserleriň bir ştatyň dilinden beýleki bir ştatyň diline terjime edilen görnüşini neşir etmek işleri bilen meşgul bolýar. Hindi-iňlis edebiýaty häzirki zaman medeniýetinde görnükli orun eýeleýär, iňlis dilinde ýazylan hindi durmuşy baradaky romanlar we hekaýalar peýda bolýar.

Iňlisler tarapyndan döredilen täze edebi däp-dessurlar ozalky edebiýatdan has şowly çykyp, olaryň arasyndan E.M. Forster, R. Kipling ýaly ýazyjylar has öňe saýlanýar. Iňlis dilli hindi ýazyjylarynyň köpüsi ýurt garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra, has konserwatiw jemgyýetiň öňünde örboýuna galan sosial özgerişlikleriň we modernizirlemegiň giň gerimli meselelerini orta atýarlar.

Bu meselä M.R. Anand (1905-2004) ilkinjileriň hatarynda baş galdyrýar. Onuň 1930-1940-njy ýyllardaky nowellalarynda halkyň durmuşy beýan edilýär. Ähli iňlis dilli hindi ýazyjylaryndan iň görnüklisi Widiadhar Naýpol (1932-2018) hasaplanyp, ol aýratyn hem özüniň «Jenap Biswas üçin öý» (1961) atly eseri bilen şöhratlanýar. Garaşsyz Hindistanda Santha Rama Rau, Kamala Markandaýa, Mahasweta Dewi we Rut Prawer Jabwala ýaly görnükli ýazyjy zenanlar ýüze çykýar. Häzirki zaman hindi edebiýatynda, terjimehal žanry aýratyn orun eýeleýär. Mahatma Gandiniň «Meniň durmuşym» (1929) Jawaharlal Nerunyň «Terjimehal» (1941) ýaly eserleri Hindistanyň syýasy durmuşynda möhüm rol oýnaýar.

Hindi ýazyjylarynyň täze nesli, esasan, hindiçe ýazmagy ileri tutýar. Has täzelikçi awtorlaryň biri hem Amitaw Goş bolup, onuň «Kölege çyzyklary» (1988) atly romany okyjylaryň söýgüsini gazanan eserleriň biridir. Arundati Roý hindi edebiýatynyň taryhynda 1997-nji ýylda «Buker» baýragyny alan ýazyjy zenandyr. Hindi ýazyjylary öz eserlerinde gadymy hindi medeniýeti bilen häzirki zamanyň we Günbataryň medeniýetini ýakynlaşdyrmaga tagalla edýärler. Olaryň eserlerinde täze ideýalar we adamzat durmuşynyň dürli meselelerine täzeçe çemeleşmegiň usulyýetleri orta atylýar.

**Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.**

# Paýhaslar

☑ Ruhy belent adamlary bagtyň özi tapýar.

☑ Sen dünýä geleňde aglap geldiň, biziň hemmämiz bolsa ýylgyrypdyk. Sen şeýle bir ýaşa! Dünýäden öteňde hemmeler aglap galsyn, seniň bir özüň hem ýylgyryp git.

***Hindi pähimi.***

☑ Ýagşylyk edenden boljak bolmaklyk ýaly erbet zat ýokdur.

***Lew Tolstoý.***

☑ Geldi-geçerler bilen tanyş bolanyňdan, ýekeligiň ýagşydyr.

***Omar Haýýam.***

☑ Näme diýsem baş atyp, bada-bat ylalaşýan, meňkä görä pikirini üýtgedýän dost maňa gerek däl. Çünki meniň kölegämem muny gowy başarýar.

***Plutarh.***

☑ Toprakdan önýän önümler ýylda bir gezek miwe berýär. Dostluk miwesi hemme wagtam hasyl berýär.

***Pifagor.***

☑ Dürdänelerini deňziň düýbünden tapjak bolsaň uly görgi, öz bagtyňy tapmak weli ondanam agyr.

***Sahyp Jemal.***

☑ Bal hödür eden däl-de, ýüzüňe hakykaty aýdan adam dostuňdyr.

☑ Bagt akylyňy baýlaşdyrýar, betbagtlyk iň soňkujaňy hem eliňden alýar.

☑ Kimiň wyždany arassa bolsa, şol adam bagtlydyr.

☑ Iň uly bagt nikaly söýgüdir.

***Nemes nakyllary.***

☑ Dostuňy başyňa iş düşende tanarsyň diýýärler. Ýöne olary bagtly günleriňde-de tanamak bolýar.

***Çingiz Aýtmatow.***

☑ Ilden üýtgeşik bolmasaň-da üýtgeşik diýip seni mahabatlandyrýan kişiden heder et, eýsem-de bolsa, ol gerek wagty sende ýok nogsanlygy bar diýip külüňi çykaryp biler.

☑ Aty daga çykaňda, dosty başyňa iş düşende tanap bolar.

☑ Dostuňy hem-de duşmanyňy şu üç zatda uzak ýolda, hasratda we kesel çagyň synap bolar.

***Gündogar pähimi.***

☑ Kim çyny bilen ýamanlygy ýigrenmeýän bolsa, onda ol ýagşylygy hem çyny bilen söýýän däldir.

***Romen Rollan.***

# ÇAGALAR

Teneçirler dört ganaty bolan seýrek duş gelýän jandar hasaplanýar.



## KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**EMELI HALY. Adatça, üsti açyk sport we oýun meýdançalarynda ulanylýan emeli otlar häzirki wagtda başga maksatlar üçin hem ulanylýar. Ýer örtüginiň bu görnüşi ilkinji gezek 1964-nji ýylda ABŞ-nyň Rod-Aýlend ştatynyň Prowidens şäherindäki bir mekdebiň sport meýdançasyna düşelýär. Şol döwürler sport esbaplaryny öndürýän «Monsanto» kompaniýasynda işleýän Jeýms Fariýa hem-de Robert Wraýt atly hünärmenler emeli halyny oýlap tapýarlar. Ilkibaşda «Chemgrass» diýlip atlandyrylan bu önüme soňlugy bilen «AstroTurf» diýlip başlanýar. Gysga sütükli, aşaky gatlagy bolan we neýlon materialdan ýasalan haly bolan bu önüm adaty ota garanyňda has gaty bolupdyr. Şol sebäpli ilkibaşda bu örtük düşelen meýdançada ýykylan türgenlere şikes ýetipdir. Önümiň patenti 1967-nji ýylda alnypdyr. 1980-nji ýyllarda futbol toparlarynyň köpüsi emeli halyny ulanyp başlapdyrlar. Soňky ýyllarda oňa kauçuk hem goşulyp, has çeýe neýlon ýüplük ulanmak arkaly ýumşak örtük öndürilipdir. Tehnologiýanyň ösmegi bilen inli polietilen ýüplüklerden has çeýe emeli halylar öndürilýär. Bu halylar çagalar üçin oýun meýdançalarynda hem giňden ulanylýar. Bu halylar ýagyşly howada hem hiç hili palçyk bolmazdan oýun oýnamaga mümkinçilik berýär.**

**Sport meýdançalaryna düşelýän emeli halylary adaty otdan tapawutlylykda suwarmak hökman däl. Şeýle-de ony wagtal-wagtal taraşlamaga-da zerurlyk duýulmaýar. Netijede, emeli otlar sport desgalary üçin tygşytly bolmagy bilen tapawutlanýar.**

## MÖR-MÖJEKLER NÄÇERÄK BEÝIKLIGE UÇUP BILÝÄRLER?

**Howanyň maýlamagy bilen dürli mör-möjekler peýda bolup başlady. Ýer ýüzünde kebelekleriň we arylaryň ýüzlerçe görnüşi bar. Eýsem, mör-möjekler deňiz derejesinden näçe metr belentlikde ýaşap bilýärlerkä?!**

Alymlar bu sowalyň jogabyny tapmak üçin uzak aralykdan ýazga almak we ýaşaýan tebigy şertlerinde üstünden barmak arkaly usullardan peýdalanýarlar. Geçirilen barlaglara görä, mör-möjekler adatça, 5 müň metrden aşakda ýaşaýarlar. Şeýle-de bolsa, 6 müň metr belentlikde hem käbir mör-möjeklere gabat gelnipdir. Emma bu mör-möjekleriň beýle belentlikde hemişelik ýaşamaýandygy, dag eteginden ýokary göterilýän howa akymy sebäpli şeýle belentlige wagtlaýyn çykýandygy çaklanylýar. Belli bir derejeden ýokarda ösümlikleriň ösmegi we jandarlaryň ýaşamagy üçin amatly şertler azalýar. Bu ýagdaý mör-möjeklere hem degişli. Belentlikde howanyň dykyz, kislorodyň mukdarynyň az we howanyň sowuk bolmagy mör-möjekleriň uçmagyny kynlaşdyrýar. Mysal üçin, howanyň dykyzlygynyň azalmagy ganatlaryň hereketiniň netijesinde emele gelýän ýokary göterijilik güýjüniň görnetin azalmagyna sebäp bolýar. Bedeniniň ulylygyna görä has kiçi ganatlary bolan «Bombus» arylarynyň 4 müň metr belentlikde ýylyň ähli paslynda ýaşaýandygy anyklanypdyr. 2014-nji ýylda «Biology Letters» žurnalynda çap edilen ylmy barlagda bolsa emeli usulda döredilen şertlerde arylaryň bu görnüşiniň Ewerest dagyndan hem belentde uçup biljekdigi anyklanypdyr. Bu ylmy barlagyň netijesinde howanyň dykyzlygy azaldylyp, arylaryň ýokary belentliklerdäki tebigy howa şertleri emeli usulda döredilipdir we howanyň basyşy peseldilipdir. Netijede, arylaryň 9 müň metr belentlikdäki howa şertlerinde hem uçup biljekdigi anyklanypdyr. Şeýle hem bu barlagda arylaryň pes basyşly howada ganatlaryny has köp kakmak arkaly däl-de, ganatlaryny kakanlarynda aşaklygyna we ýokarlygyna has köp açmak arkaly uçandyklary ýüze çykarylypdyr.





### MÖR-MÖJEKLER BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Gara meneklije, sarymtyl ýa-da gyzyl reňkli tomzajyklar bolan kekeneleriň tropik howaly ýerlerde gök we ýaşyl reňkli görnüşleri gabat gelýär. Bu jandarlar oba hojalygyna zyýan beriji mör-möjekleri iýýärler.
- Teneçirleriň esasy iki görnüşi bolup, olaryň biriniň ganatlary uçmaýan wagty açyk, beýlekisiniňki bolsa biri-birine degip durýar. Şeýle hem bu teneçirler dört ganaty bolan seýrek duş gelýän jandar hasaplanýar.
- Arylar we beýleki mör-möjekler bal ýygnamak üçin güllere gonanlarynda olaryň tozgalanmagyna hem sebäp bolýarlar. Şeýlelikde, medeni we ýabany ösümlikler hasyl berýär.
- Möýüň kerebi polatdan bäş esse berk bolýar.
- Iň gymmatly süýüm hasaplanýan ýüpegi almak üçin ýüpek gurçuklary ýörite idedilýär.
- Käbir mör-möjekler dürli maksatlar üçin kosmos giňişligine iberilipdir.
- Mör-möjekleriň suwuň ýüzünde ýöräp bilýän görnüşleri hem bolýar.
- Güýeler biri-biriniň ysyny 1,5 kilometr uzakdan alyp bilýärler.
- Teneçirler ähli tarapy görüp bilýärler.




## Piller we syçanlar

**Ir zamanlarda taşlanyp gidilen bir obanyň harabalygynda syçanlar ýaşaýan eken. Bu obanyň golaýyndaky köle bolsa piller suw içmek hem-de ýuwunmak üçin gelýän eken. Oba köle barýan ýoluň ugrunda ýerleşensoň, şol obanyň üstünden geçenlerinde pilleriň syçanlary depeleýän halatlary hem bolupdyr. Syçanlar bu ýagdaýyň öňüni almak üçin piller bilen gepleşik geçirmeli diýen karara gelipdirler.**

**Günleriň bir güni syçanlar pil sürüsiniň öňünden çykyp, olardan obanyň daşyndan aýlanyp geçmeklerini haýyş edipdirler. Olaryň bu etjek ýagşylygyny bolsa, iru-giç gaýtarjakdyklaryny aýdypdyrlar. Piller muňa hezil edip gülüpdirler. Şonda pilleriň şasy syçanlara garap:**

**– Biz ähli jandarlaryň iň ulusy. Siz bolsa kiçijik syçanjyklar. Eýsem-de bolsa, siziň bize nähili nepiňiz degerkä? Her niçik-de bolsa, biz siziň islegiňizi kanagatlandyrarys – diýipdir.**

**Şondan soňra piller ol ýerden geçmändirler. Birnäçe günden soňra piller bir awçynyň gurup goýan duzagyna düşüpdirler. Olar näçe synanyşsalar-da duzakdan sypyp bilmändirler. Pilleriň şasy duzaga düşmän galan pilleriň birini syçanlardan kömek soramak üçin ugradypdyr. Pil bolsa aýdyşlyy ýaly edipdir. Syçanlar dessine duzaga düşen pilleriň ýanyna gelip, duzagy kertip, olary halas edipdirler. Pilleriň şasy syçanlara bu eden ýagşylyklary üçin hoşallyk bildiripdir we öňki aýdan sözleri üçin ötünç sorapdyr.**

**Dost başyňa iş düşende ýanyňda bolsa dostdur.**

San diňi




4 çöpüň ýerini üýtgedip, 5 üçburçlugy emele getiriň!



Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 2 | | | 3 | | |
| | | 5 | 1 | 6 | |
| 6 | | | 5 | | |
| | 5 | 2 | 6 | | 3 |
| | 2 | 3 | | 1 | |
| 4 | 6 | | 2 | | 5 |

Labirint



| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| D | O | W | A | L | Ö | T | A | M | G |
| Ö | T | P | Ä | Ü | N | R | L | S | Ö |
| R | O | M | B | Ç | M | A | T | W | N |
| T | A | Ü | M | B | B | P | Y | W | Ü |
| B | E | Ý | Ç | U | F | E | B | O | B |
| U | Ä | G | I | R | H | S | U | N | U |
| R | K | T | E | Ç | B | I | R | Ä | R |
| Ç | W | Ä | Ö | L | Ž | Ý | Ç | F | Ç |
| L | Ž | B | Ý | U | E | A | L | W | L |
| U | P | M | N | K | W | K | U | O | U |
| K | Ý | Y | L | D | Y | Z | K | R | K |



**Ýewropada tapgyryň esasy duşuşyklary:**

9-njy aprel: Ewerton – M. Ýunaýted (16:30), Aston Willa – Tottenham (21:30), Herta – Union Berlin (21:30), Real Madrid – Hetafe (00:00)
10-njy aprel: Napoli – Fiorentina (18:00), Man. Siti – Liwerpul (20:30), Leipsig – Hoffenhaým (22:30) Fenerbahçe – Galatasaraý (22:30), Torino – Milan (23:45), Lewante – Barselona (00:00)

# «Liwerpul» bilen «Real Madrid» ýarym finalyň bosagasynda



UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň birinji oýunlary oýnalyp, birmeňzeş netijeler hasaba alyndy. Sişenbe güni «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Atletikony» 1–0, «Liwerpul» myhmançylykda «Benfikany» 3–1 ýeňdi. Angliýadaky duşuşykda ýeke urgy hem geçirmedik «Atletikonyň» derwezesinden «Mançester Sitä» ýeňiş getiren goly 70-nji minutda Kewin De Bruýne geçirdi.

Myhmançylykda «Benfika» bilen duşuşan «Liwerpula» ýeňiş getiren gollary 17-nji minutda Ibrahima Konata, 34-nji minutda Sadio Mane hem-de 87-nji minutda Luis Diaz derwezä girizdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny 49-njy minutda Darwin Nuňýes geçirdi. 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Liwerpul» ýarym finalyň bosagasyndan ilkinji ädimini ätdi. «Liwerpul» şu möwsümde Çempionlar Ligasynda myhmançylykda bassyr 5-nji ýeňşini gazandy. Şeýle-de, «Liwerpul» ähli ýaryşlary alanyňda myhmançylykda 8 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýär we bu görkeziji klubuň rekordyna deňdir. Duşuşykda 1 gol geçiren Sadio Mane (19 gol) Stiwen Jerrarddan öňe saýlanyp, toparyň Çempionlar Ligasyndaky iň netijeli 2-nji futbolçysy boldy (1-nji ýerde M. Salah bar).



Çarşenbe günki oýunlarda-da edil sişenbe günki netijeler hasaba alnyp, «Wilýarreal» «Bawariýany» 1–0, «Real Madrid» myhmançylykda «Çelsini» 3–1 utdy. 3-nji gezek çärýek finalda çykyş edýän «Wilýarrealyň» ýeke-täk goluny 8-nji minutda Arnaut Danžuma öz adyna ýazdyrdy. Çempionlar Ligasynda 22 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Bawariýanyň» bu statistikasyny soňlandyran «Wilýarreal» ýene-de birnäçe howply pursatlary döretdi. «Bawariýa» Çempionlar Ligasynda 31 oýundan soň gol geçirmek başartmady.

Londonda ýagyşly howada geçen oýunda «Real Madrid» kubogyň soňky eýesi «Çelsini» fransiýaly ýyldyzy Karim Benzemanyň gollary bilen 3-1 hasabynda ýeňdi. Fransiýaly hüjümçi 21-nji we 24-nji minutlarda kelle urgusy bilen, 46-njy minutda-da derwezeçi Mendiniň gödek ýalňyşlygyndan soň tapawutlanmagy başardy. «Çelsiniň» ýeke-täk goluny 40-njy minutda Kai Hawerts geçirdi. Şeýlelikde, Karim Benzema UÇL-de Ronaldo, Messi we Luiz Adrianodan soň yzly-yzyna 2 duşuşykda het-trik eden 4-nji futbolçy boldy. Bu ýaryşdaky gollarynyň sanyny 82-ä ýetiren Benzemanyň 3-nji ýerdäki Lewandowskiden 3 goly az. Ol UÇL-de bir möwsümde 10 gol geçiren ilkinji fransiýaly futbolçy boldy.



Çärýek finalyň jogap oýunlary 12–13-nji aprelde oýnalar.

## Bir sözlemde...

Şotlandiýanyň çempionatynda sanawyň lideri, şu duşuşyga çenli 25 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Seltik» topary «Old Firm» derbisinde, myhmançylykda köne bäsdeşi «Reýnjersden» 2-1 üstün çykyp (Rogiç 7, Karter-Wikers 43 – Remzi 3), möwsümiň tamamlanmagyna 6 tapgyr galanda, utuk aratapawudyny 6-a çykardy we öz meýdançasynda 35 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Reýnjersiň» bu hasabatyny soňlandyrdy.

«Monuments» bir günlük welosiped ýol bäsleşikleriniň ikinjisi «Tour of Flanders» (Belgiýa) ýaryşynda watandaşy Dilan wan Baarleden («Ineos Grenadiers») hem-de fransiýaly Walentin Madudan («Groupama–FDJ») öňe saýlanan «Alpecin–Fenix» toparynyň niderland türgeni Mattiu wan der Poel ýeňiş gazanyp, ol 263,7 kilometr aralygy 6 sagat 18 minut 3 sekuntda geçmegi başardy.

Kriket boýunça Täze Zelandiýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky 12-nji Dünýä Kubogynyň finalynda Awstraliýa bilen Angliýa duşuşyp, okeaniýaly zenanlar 71 «runs»-lyk (356/5 50 overs – 285 43,4 overs) artykmaçlyk görkezdi we 7-nji gezek çempionlyk gazandy.

Golf boýunça zenanlaryň arasyndaky möwsümiň birinji uly bäsleşigi «The Chevron Championship»-de amerikaly Jennifer Kupço ýeňiş gazanyp, ol umumy baýrak gaznasy 5 million dollara deň bolan ýaryşda 750 müň dollarlyk pul baýragyny eýeledi.

# Dünýä Kubogynyň bijeleri çekildi







Futbol oýnunyň iň uly guramaçylygy bolan FIFA Dünýä Kubogy Katar 2022-niň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda 32 ýygyndy (häzirlikçe 29, 3-si tomusda belli bolýar) 8 toparça paýlandy.

Çekilen bijä seredenimizde azy ýaran güýçli ýygyndylary özünde jemleýän toparça ýok. Ýöne muňa garamazdan, janköýerlere toparçalarda biri-birinden gyzykly duşuşyklaryň garaşýandygyny aýdyp bileris.

Ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy «A» toparçada Ekwadoryň, Senegalyň hem-de Niderlandlaryň ýygyndysy bilen duşuşar. Ýygyndylaryň hiç biri-de mundan ozal özara duşuşyk geçirmändirler. Şol sebäpli olaryň özara duşuşyklarynyň ählisi-de ilkinji ikiçäk oýunlar bolar.

«B» toparçadaky duşuşyklar diňe bir futbol bilen çäklenmez. 24 ýyldan soň ABŞ bilen Eýranyň ýygyndysy bir toparça düşdi. 1998-nji ýylda Fransiýada geçirilen Dünýä Kubogynda duşuşan iki ýygyndynyň şol oýnunda aziýalylar 2-1 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Toparçanyň beýleki ýygyndylary-da Angliýa bilen Ýewropadan goşuljak ýene bir ýygyndy bolar. Bu ugurda Uelsiň ýygyndysy Şotlandiýa bilen Ukrainanyň arasyndaky duşuşygyň ýeňijisine garaşýar. Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gününde duşuşyk geçirjek Angliýanyň ýygyndysy 21-nji noýabrda Eýranyň ýygyndysy bilen duşuşar. Angliýanyň ýygyndysy soňky gezek Dünýä Kubogynyň ilkinji gününde 1966-njy ýylda duşuşyk geçirip, şol ýaryşda-da kubogy eýeläpdi. Angliýa bilen ABŞ-nyň arasyndaky oýunlar hem hemişe esasy üns merkezinde bolup, iňlislere Dünýä Kubogynyň çäginde soňky 2 duşuşygynda amerikanlary ýeňmek başardanok.



Super ýyldyz Lionel Messiniň ýygyndysy Argentina «C» toparçada özüne garanyňda, ýeňilräk toparlar bilen bije çekişdi. Saud Arabystany, Meksika hem-de Polşa tangoçylaryň garşydaşy boldy.

Soňky çempion Fransiýa üçinem «D» toparçada alada galar ýaly o diýen güýçli garşydaş bolman, Daniýanyň ýygyndysy olaryň iň esasy bäsdeşi hasaplanýar. Tunis bilen pleý-offdan gatnaşjak ýene bir ýygyndy toparçanyň beýleki wekilleri bolar. Bu ugurda Perunyň ýygyndysy Awstraliýa ýa-da BAE bilen duşuşar.

«E» toparçada köpler eýýämden Ispaniýa bilen Germaniýanyň arasyndaky duşuşyga garaşyp başladylar. Toparçada bu iki güýçli ýygynda kynçylyk berip biljek ýygyndy Ýaponiýa bolar. Toparçanyň 4-nji ýygyndysy-da Kosta Rika ýa-da Täze Zelandiýa bolar.

Güýçli futbolçylary özünde jemleýän Belgiýanyň ýygyndysyna «F» toparçadan Kanadanyň, Marokkonyň hem-de Horwatiýanyň ýygyndylarynyň arasyndan 2-nji tapgyra çykmak kyn düşmese gerek.

Çempionlygyň iň güýçli dalaşgärlerinden Braziliýanyň ýygyndysy «G» toparçada Serbiýadyr Şweýsariýanyň hem-de Kamerunyň ýygyndylary bilen bije çekişdi. Ýeri gelende aýtsak, Braziliýanyň, Serbiýanyň hem-de Şweýsariýanyň ýygyndylary 2018-nji ýylda-da bir toparça düşüpdiler.

Pleý-off tapgyryndan soň Dünýä Kubogynyň petegini alan Portugaliýanyň ýygyndysy-da beýlekilere garanyňda, azda-kände güýçli hasaplap boljak «H» toparça düşdi. Kristiano Ronaldonyň garşydaşlary Gananyň, Urugwaýyň hem-de Günorta Koreýanyň ýygyndylary boldy.

Çempionat 21-nji noýabrda Katar-Ekwador duşuşygy bilen başlanar. Toparçadaky duşuşyklar 21-nji noýabr – 2-nji dekabr aralygynda geçiriler. 18-nji dekabrda-da final duşuşygyndan soň çempionat tamamlanar.




## Super ukyply Laib – Dünýä Kubogynyň maskoty



Katar 2022 Dünýä Kubogynyň maskoty, tumary Laib (La'eeb) diýlip atlandyrylýar. Ol arap dilinden terjime edilende, super ukyplary bolan oýunçy diýen manyny berýär. FIFA-nyň saýtynda bellenilişi ýaly, ol parallel älemden gelen we ony beýan edip bolmaýar. Laib baran ýerine şatlyk we ynam paýlaýar, ol juwan ruhly. Ak reňkli, arap geýnüwli bu maskot çempionatyň dowamynda tutuş ýurtda hereketde bolar.

## ILKINJI ÝEŇŞI



Moto GP boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşy Argentinada geçirildi. Termas de Rio Hondo şäheriniň adybir trassasynda geçirilen ýaryşda münberiň üç basgançagyna-da ispaniýaly sürüjiler çykdy. Ýaryşda 25 aýlawy 41 minut 36,198 sekuntda tamamlan «Aprilia» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Aleiks Espargaro ýeňiş bilen tamamlady. Ilkinji gezek ilkinji hatardan bat alan Aleiks Espargaro karýerasy boýunça ilkinji sapar Moto GP-de ýeňiş gazanmagy başardy. Ýeňijiden 0,8 sekunt yza galan «Ducati Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin 2-nji, Espargarodan 1,3 sekunt soň pellehanadan geçen «Suzuki Ecstar» toparynyň ispaniýaly piloty Aleks Rins 3-nji orny eýeledi. «Suzuki Ecstar» toparynyň başga bir ispan sürüjisi Žoan Mir 4-nji orna mynasyp boldy. Argentina Gran Prisinde ispaniýaly sürüjiler öňdäki 4 orny eýelemegi başardylar.

Geçirilen bu ýaryşdan soň Aleiks Espargaro utugyny 45-e çykardy we birinji orna beýgeldi. Bred Baýnderiň 38, Enea Bastianininiň 36 utugy bar. Möwsümiň 4-nji ýaryşy 10-njy aprelde ABŞ-nyň Ostin şäherinde (Tehas) geçiriler.

## DURZUP BOLMAÝAN ŞWENTEK

Tennis boýunça möwsümiň 3-nji «Masters» ýaryşy «Maýami Açyk» tamamlandy. Zenanlaryň arasyndaky finalda polşaly Iga Şwentek bilen ýaponiýaly Naomi Osaka duşuşdy. 1-nji setde 6:4 ýeňiş gazanan Şwentek 2-nji setde uly artykmaçlyk görkezdi (6:0). Şeýlelikde, 21 ýaşyndaky Şwentek karýerasyndaky 6-njy WTA çempionlygyny gazandy. Şu ýyla geçip 17 oýundan bäri ýeňilmän gelýän Şwentek möwsümiň ilkinji 3 «Masters» (Doha, Indian Wells hem-de Maýami) ýaryşynda çempionlyk gazanan ilkinji zenan tennisçi hökmünde taryha girdi. Bu onuň umumylykda 4-nji «Masters» çempionlygy bolup, ol «Sunshine Double» ady bilen belli «Indian Wells» hem-de «Maýami» ýaryşlarynda bir möwsümde kubogy eýelän 4-nji zenan tennisçi boldy. Galyberse-de, Şwentek amerikaly Serena Wiliamsdan soň (2013) yzly-yzyna 3 «Masters» ýaryşynda ýeňiji bolan ilkinji zenan tennisçi diýlip hasaba alyndy.



Erkekleriň arasynda ispaniýaly Karlos Alkaras çempion bolup, ol finalda norwegiýaly Kasper Ruudy 7:5 we 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň 3-nji çempionlygy bolup, ol «Maýami Açykda» kubogy eýelän iň ýaş tennisçi hökmünde hasaba alyndy (18 ýaş 333 gün). Şeýle-de, ol amerikaly Maýkl Çang (18 ýaş 158 gün) we ispaniýaly Rafael Nadaldan soň, «Masters» ýaryşlarynyň iň ýaş üçünji çempiony boldy.

## KATAR 2022 DÜNÝÄ KUBOGYNYŇ RESMI TOPY



Şu ýylyň ahyrynda Katarda geçiriljek 22-nji Dünýä Kubogynyň futbol topunyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. «Adidas» tarapyndan öndürilen bu topuň ady «Al Rihla» diýlip atlandyrylýar. Ol arap dilinden terjime edilende, syýahat, gezelenç diýen manyny aňladýar. Topuň daşky keşbine Kataryň medeniýeti, arhitekturasy hem-de baýdagynyň reňkleri ýerleşdirilendir. Açyk reňkler bolsa çempionatyň tizligini alamatlandyrýar.

### PREMIER LEAGUE (31) — 28 gol

**Liwerpul—Watford: 2–0** (Žota 22, Fabinio 89 p), **Býornli—Man. Siti: 0–2** (De Bruýne 5, Gündogan 25), **Braýton—Norwiç: 0–0, Wulwerhempton—Aston Willa: 2–1** (Kastro 7, Ýang 36 ö.d. — Watkins 86 p), **Lids—Southempton: 1–1** (Harrison 29 — Ward-Prouz 49), **Çelsi—Brentford: 1–4** (Rüdiger 48 — Ýanelt 50, 60, Eriksen 54, Wissa 87), **Man. Ýunaýted—Lester: 1–1** (Fred 66 — Iheançaço 63), **West Ham—Ewerton: 2–1** (Kresswell 32, Bowen 58 — Holgeýt 53), **Tottenham—Nýukasl: 5–1** (Dewis 43, Dogerti 48, Hyn Min Son 53, Emerson 53, Bergweýn 83 — Şer 39), **K. Palas—Arsenal: 3–0** (Mateta 16, J. Aýew 24, Zaha 74 p)

### LA LIGA (30) — 25 gol

**Hetafe—Malýorka: 1–0** (Maýoral 82), **Lewante—Wilýarreal: 2–0** (Morales 69, 90+1), **Selta—Real Madrid: 1–2** (Nolita 52 — Benzema 20 p, 70 p), **Atletiko—Alawes: 4–1** (Žoao Feliks 11, 82, Luis Suares 75 p, 90 — Eskalante 63), **Atletik—Elçe: 2–1** (Berenger 32, Wilýalibre 86 — Hosan 90+2), **Betis—Osasuna: 4–1** (Huanmi 34, 45+1, Karwalýo 82, Moreno 88 — Budimir 65), **Walensiýa—Kadiz: 0–0, Granada—Raýo Wallekano: 2–2** (Molina 67, Milýa 90+3 — Katena 6, Gwardiola 17), **Barselona—Sewilýa: 1–0** (Pedri 72), **Real Sosiedad—Espanýol: 1–0** (Isak 90+6 p)

### SERIE A (31) — 19 gol

**Spesiýa—Wenesiýa: 1–0** (Gýasi 90+3), **Lasio—Sassuolo: 2–1** (Lazzari 17, Milinkowiç-Sawiç 51 — Traore 90+5), **Salernitana—Torino: 0–1** (Belotti 18 p), **Fiorentina—Empoli: 0–1** (Gonzales 58), **Udineze—Kaliari: 5–1** (Bekao 38, Beto 45, 49, 73, Molina 59 — Žoao Pedro 32), **Atalanta—Napoli: 1–3** (De Roon 58 — Insinýe 14 p, Politano 37, Elmas 81), **Sampdoriýa—Roma: 0–1** (Mhitarýan 27), **Ýuwentus—Inter: 0–1** (Çalhanoglu 45+5 p), **Werona—Jenoa: 1–0** (Simeone 5), **Milan—Bolonýa: 0–0**

### LIGUE 1 (30) — 32 gol

**Nissa—Renn: 1–1** (Delor 67 — Terrie 78), **Lill—Bordo: 0–0, Strasbur—Lans: 1–0** (Ažork 67 p), **Klermon—Nant: 2–3** (Haui 58, Abdul Samed 63 — Blas 43 p, Çiriwelýa 62, Kolo 67), **Mets—Monako: 1–2** (Amadu 63 — Ben Ýedder 46, Boadu 73), **Monpelie—Brest: 1–2** (Sawanie 90+3 p — Satriano 69, Onora 79), **Sent-Etien—Marsel: 2–4** (Buanga 9, Gurna-Dua 86 — Paýet 45 p, Kolodzeýçak 60 ö.d., Dieng 68, Arit 73), **Trua—Reýms: 1–0** (Ripar 90+3), **Lion—Anže: 3–2** (Dembele 26, 52, Tete 80 — Pereýra Lage 50, Bufal 59), **PSŽ—Loriýan: 5–1** (Neýmar 12, 90, Mbappe 28, 67, Messi 73 — Moffi 56)

### BUNDESLIGA (28) — 22 gol

**Union Berlin—Köln: 1–0** (Awoni 49), **Aýntraht—Groýter Fürt: 0–0, Arminiýa—Ştutgart: 1–1** (Krýuger 59 — Kalaýjik 25 p), **Baýer—Herta: 2–1** (Alario 35, Belarabi 40 — Darida 42), **Fraýburg—Bawariýa: 1–4** (Petersen 63 — Goreska 58, Gnabri 73, Koman 82, Sabitser 90+6), **Hoffenhaým—Bohum: 1–2** (Raum 54 — Asano 28, 59), **Borussiýa D—Leipsig: 1–4** (Malen 84 — Laýmer 21, 30, Nkunku 58, Dani Olmo 86), **Augsburg—Wolfsburg: 3–0** (Ýago 1, Niderlehner 62, Pedersen 69), **Borussiýa M—Maýns: 1–1** (Embolo 33 — Onisiwo 73)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 30 | 23 | 4 | 3 | 70-18 | 73 |
| 2 | LIWERPUL | 30 | 22 | 6 | 2 | 77-20 | 72 |
| 3 | ÇELSI | 29 | 17 | 8 | 4 | 58-23 | 59 |
| 4 | TOTTENHAM | 30 | 17 | 3 | 10 | 52-37 | 54 |
| 5 | ARSENAL | 29 | 17 | 3 | 9 | 44-34 | 54 |
| 6 | WEST HAM | 31 | 15 | 6 | 10 | 51-40 | 51 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 30 | 14 | 9 | 7 | 49-41 | 51 |
| 8 | W. HEMPTON | 31 | 15 | 4 | 12 | 33-27 | 49 |
| 9 | K. PALAS | 30 | 8 | 13 | 9 | 42-38 | 37 |
| 10 | LESTER | 28 | 10 | 7 | 11 | 43-47 | 37 |
| 11 | ASTON WILLA | 30 | 11 | 3 | 16 | 42-42 | 36 |
| 12 | SOUTHEMPTON | 30 | 8 | 12 | 10 | 37-46 | 36 |
| 13 | BRAÝTON | 30 | 7 | 13 | 10 | 26-36 | 34 |
| 14 | BRENTFORD | 31 | 9 | 6 | 16 | 37-48 | 33 |
| 15 | NÝUKASL | 30 | 7 | 10 | 13 | 33-54 | 31 |
| 16 | LIDS | 31 | 7 | 9 | 15 | 35-68 | 30 |
| 17 | EWERTON | 29 | 7 | 4 | 18 | 32-52 | 25 |
| 18 | BÝORNLI | 29 | 4 | 12 | 13 | 25-42 | 24 |
| 19 | WATFORD | 30 | 6 | 4 | 20 | 29-57 | 22 |
| 20 | NORWIÇ | 30 | 4 | 6 | 20 | 18-63 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 20 |
| 2 | Diego ZOTA (Liwerpul) | 14 |
| 3 | Hyn Min Son (Tottenham) | 14 |
| 4 | Sadio MANE (Liwerpul) | 12 |
| 5 | Harri KEÝN (Tottenham) | 12 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 30 | 21 | 6 | 3 | 61-26 | 69 |
| 2 | BARSELONA | 29 | 16 | 9 | 4 | 57-29 | 57 |
| 3 | ATLETIKO | 30 | 17 | 6 | 7 | 57-37 | 57 |
| 4 | SEWILÝA | 30 | 15 | 12 | 3 | 40-20 | 57 |
| 5 | BETIS | 30 | 16 | 5 | 9 | 54-36 | 53 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 30 | 14 | 9 | 7 | 30-29 | 51 |
| 7 | WILÝARREAL | 30 | 12 | 9 | 9 | 48-29 | 45 |
| 8 | ATLETIK B | 30 | 11 | 11 | 8 | 35-29 | 44 |
| 9 | WALENSIÝA | 30 | 10 | 11 | 9 | 42-43 | 41 |
| 10 | OSASUNA | 30 | 10 | 8 | 12 | 30-40 | 38 |
| 11 | SELTA | 30 | 9 | 9 | 12 | 34-34 | 36 |
| 12 | ESPANÝOL | 30 | 9 | 9 | 12 | 35-42 | 36 |
| 13 | R. WALLEKANO | 29 | 9 | 6 | 14 | 31-36 | 33 |
| 14 | ELÇE | 30 | 8 | 8 | 14 | 31-42 | 32 |
| 15 | HETAFE | 30 | 7 | 11 | 12 | 28-33 | 32 |
| 16 | GRANADA | 30 | 6 | 11 | 13 | 33-48 | 29 |
| 17 | KADIZ | 30 | 5 | 13 | 12 | 25-41 | 28 |
| 18 | MALÝORKA | 30 | 6 | 8 | 16 | 26-50 | 26 |
| 19 | ALAWES | 30 | 5 | 7 | 18 | 24-52 | 22 |
| 20 | LEWANTE | 30 | 4 | 10 | 16 | 33-58 | 22 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 24 |
| 2 | HUANMI (Betis) | 15 |
| 3 | Raul DE TOMAS (Espanýol) | 14 |
| 4 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 14 |
| 5 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 14 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MILAN | 31 | 20 | 7 | 4 | 56-29 | 67 |
| 2 | NAPOLI | 31 | 20 | 6 | 5 | 56-23 | 66 |
| 3 | INTER | 30 | 18 | 9 | 3 | 63-24 | 63 |
| 4 | ÝUWENTUS | 31 | 17 | 8 | 6 | 47-27 | 59 |
| 5 | ROMA | 31 | 16 | 6 | 9 | 51-35 | 54 |
| 6 | LASIO | 31 | 15 | 7 | 9 | 60-46 | 52 |
| 7 | ATALANTA | 30 | 14 | 9 | 7 | 52-34 | 51 |
| 8 | FIORENTINA | 30 | 15 | 5 | 10 | 49-38 | 50 |
| 9 | WERONA | 31 | 12 | 9 | 10 | 56-47 | 45 |
| 10 | SASSUOLO | 31 | 11 | 10 | 10 | 56-51 | 43 |
| 11 | TORINO | 30 | 10 | 8 | 12 | 35-30 | 38 |
| 12 | BOLONÝA | 30 | 9 | 7 | 14 | 32-44 | 34 |
| 13 | EMPOLI | 31 | 8 | 9 | 14 | 41-56 | 33 |
| 14 | UDINEZE | 29 | 7 | 12 | 10 | 41-47 | 33 |
| 15 | SPESIÝA | 31 | 9 | 5 | 17 | 32-54 | 32 |
| 16 | SAMPDORIÝA | 31 | 8 | 5 | 18 | 39-52 | 29 |
| 17 | KALIARI | 31 | 5 | 10 | 16 | 29-59 | 25 |
| 18 | JENOA | 31 | 2 | 16 | 13 | 23-48 | 22 |
| 19 | WENESIÝA | 30 | 5 | 7 | 18 | 25-55 | 22 |
| 20 | SALERNITANA | 29 | 3 | 7 | 19 | 22-66 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Çiro IMMOBILE (Lasio) | 21 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 21 |
| 3 | Jowanni SIMEONE (Werona) | 16 |
| 4 | Temmi ABRAHAM (Roma) | 15 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 30 | 21 | 5 | 4 | 64-28 | 68 |
| 2 | MARSEL | 30 | 16 | 8 | 6 | 49-29 | 56 |
| 3 | RENN | 30 | 16 | 5 | 9 | 64-29 | 53 |
| 4 | STRASBUR | 30 | 14 | 9 | 7 | 51-32 | 51 |
| 5 | NISSA | 30 | 15 | 7 | 8 | 40-24 | 51 |
| 6 | MONAKO | 30 | 13 | 8 | 9 | 45-31 | 47 |
| 7 | LILL | 30 | 12 | 11 | 7 | 38-35 | 47 |
| 8 | LION | 30 | 12 | 10 | 8 | 43-39 | 46 |
| 9 | NANT | 30 | 13 | 6 | 11 | 39-33 | 45 |
| 10 | LANS | 30 | 12 | 8 | 10 | 45-40 | 44 |
| 11 | MONPELIE | 30 | 12 | 5 | 13 | 44-42 | 41 |
| 12 | BREST | 30 | 10 | 8 | 12 | 38-44 | 38 |
| 13 | REÝMS | 30 | 8 | 12 | 10 | 32-32 | 36 |
| 14 | ANŽE | 30 | 8 | 8 | 14 | 34-44 | 32 |
| 15 | TRUA | 30 | 8 | 8 | 14 | 28-42 | 32 |
| 16 | LORIÝAN | 30 | 6 | 10 | 14 | 25-48 | 28 |
| 17 | KLERMON | 30 | 7 | 7 | 16 | 30-54 | 28 |
| 18 | SENT-ETIEN | 30 | 6 | 9 | 15 | 31-55 | 27 |
| 19 | METS | 30 | 4 | 11 | 15 | 27-54 | 23 |
| 20 | BORDO | 30 | 4 | 11 | 15 | 38-70 | 23 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 18 |
| 2 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 18 |
| 3 | Martin TERRIE (Renn) | 17 |
| 4 | Gaetan LÝABORD (Renn) | 14 |
| 5 | Jonatan DEWID (Lill) | 13 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 28 | 21 | 3 | 4 | 85-29 | 66 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 28 | 18 | 3 | 7 | 68-42 | 57 |
| 3 | BAÝER | 28 | 15 | 6 | 7 | 68-42 | 51 |
| 4 | LEIPSIG | 28 | 14 | 6 | 8 | 61-31 | 48 |
| 5 | FRAÝBURG | 28 | 12 | 9 | 7 | 44-33 | 45 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 28 | 13 | 5 | 10 | 50-42 | 44 |
| 7 | UNION BERLIN | 28 | 11 | 8 | 9 | 34-38 | 41 |
| 8 | KÖLN | 28 | 10 | 10 | 8 | 38-41 | 40 |
| 9 | AÝNTRAHT | 28 | 10 | 9 | 9 | 39-38 | 39 |
| 10 | MAÝNS | 28 | 11 | 5 | 12 | 41-33 | 38 |
| 11 | BOHUM | 28 | 10 | 5 | 13 | 30-40 | 35 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 28 | 9 | 7 | 12 | 39-52 | 34 |
| 13 | AUGSBURG | 28 | 8 | 8 | 12 | 34-45 | 32 |
| 14 | WOLFSBURG | 28 | 9 | 4 | 15 | 29-45 | 31 |
| 15 | ŞTUTGART | 28 | 6 | 9 | 13 | 36-51 | 27 |
| 16 | ARMINIÝA | 28 | 5 | 11 | 12 | 23-39 | 26 |
| 17 | HERTA | 28 | 7 | 5 | 16 | 30-62 | 26 |
| 18 | GROÝTER FÜRT | 28 | 3 | 7 | 18 | 24-70 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Bawariýa) | 31 |
| 2 | Patrik ŞIK (Baýer) | 20 |
| 3 | Erling HOLANN (Borussiýa D) | 16 |
| 4 | Antoni MODEST (Köln) | 15 |
| 5 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 15 |

# Angliýada we Italiýada çempionlyk ugrunda ýiti göreş

Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Mançester Siti» myhmançylykda «Býornlini», 2-nji ýerdäki «Liwerpul» bolsa «Watfordy» 2–0 hasabynda ýeňdi. «Çelsi» öz meýdançasynda «Brentforddan» 4–1 asgyn geldi. «Çelsini» 83 ýyldan soň birinji gezek ýeňen «Brentford» «Premier Ligada» ilkinji sapar bir oýunda 4 gol geçirdi. «Tottenhamyň» «Nýukasly» 5–1 ýeňen tapgyrynda «Arsenal» myhmançylykda «Kristal Palasdan» 3–0 utuldy. Bu ýeňlişden soň çempionatda çempionlyk bilen bir hatarda 4-nji ýer ugrundaky göreş täzeden alawlandy.

Ispaniýanyň çempionatynda «Real Madrid» Karim Benzemanyň 2 penalti goly bilen «Seltany» myhmançylykda 2–1 ýeňdi. Benzema ýene bir penalti urgusyndan peýdalanyp bilmedi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Barselona» öz meýdançasynda «Sewilýany» Pedriniň 72-nji minutdaky goly bilen 1–0 ýeňdi. «Barselona» topary «La Ligada» 14 duşuşykdan bäri ýeňilmän gelýär (10 ýeňiş, 4 deňlik). Soňky çempion «Atletiko Madrid» Žoao Feliks hem-de Luis Suaresiň hersiniň 2 gol geçiren oýnunda «Alawesi» 4–1 hasabynda utdy.

Italiýanyň çempionatynda 6 duşuşyk 1–0 hasabynda tamamlandy. Sanawyň lideri «Milan» öz meýdançasynda «Bolonýa» bilen golsuz deňme-deň oýnap, zerur bolan 2 utugy ýitirdi. Duşuşykda «milanly» futbolçylaryň 33 urgusynyň biri hem derwezeden geçmedi. Bu ýeňlişden soň «Atalantany» myhmançylykda 3–1 ýeňen «Napoli» utuk aratapawudyny 1-e düşürdi. Tapgyryň merkezi oýnunda, «Italia» derbisinde «Inter» myhmançylykda «Ýuwentusy» 1–0 ýeňip, garşydaşyny çempionlyk ýaryşyndan azda-kände daşlaşdyrdy. Soňky çempiona zerur bolan 3 utugy gazandyran goly 45+5-nji minutda penaltiden Hakan Çalhanoglu geçirdi. Şeýle-de, «Udinezeniň» «Kaliarini» 5–1 ýeňen duşuşygynda Beto het-trik etdi.



Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri PSŽ öz meýdançasynda «Loriýandan» 5–1 üstün çykdy. Gollaryň 2-sini 28-nji we 67-nji minutlarda Kilian Mbappe geçirdi. Beýleki 3-sini hem onuň beren paslaryndan soň Neýmar (12, 90) bilen Messi (73) öz atlaryna ýazdyrdylar. Şeýlelikde, PSŽ-de ilkinji gezek üç super ýyldyz bir duşuşykda bilelikde gol geçirmegi başardylar.



Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýa» çempionlyga barha golaýlaýar. Myhmançylykda «Fraýburgy» 4–1 ýeňen «Bawariýa» 2-nji ýerdäki «Borussiýa Dortmundyň» öz meýdançasynda «Leipsigden» şol hasap bilen utulmagyndan soň aratapawudy 9 utuga çykardy. Duşuşyklarda «Bawariýanyň» gollaryny Goreska, Gnabri, Koman, Sabitser, şeýle-de «Leipsigiň» gollaryny Laýmer (2), Nkunku hem-de Dani Olmo geçirdi.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

## TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

### Hormatly söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň eýeleri!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky, söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň eýelerine hem-de olaryň müşderilerine amatly şertleri döretmek maksady bilen, sanly bank önümi bolan «Halkbank terminal» atly täze hyzmatyň işe girizilendigini habar berýär.

«Halkbank terminal» – bu döwrebap we ygtybarly tehnologiýalaryň esasynda taýýarlanan hem-de nagt däl hasaplaşyklarda ulanylýan adaty töleg terminalynyň ýerini tutup biljek ykjam programma üpjünçiligidir. Siz «Halkbank terminal» mobil ulgamyny öz ykjam telefonyňyza gurnamak bilen, harytlar we hyzmatlar üçin tölegleri kabul etmek, amaly ýatyrmak ýa-da yzyna gaýtarmak, kassany ýapmak we söwdanyň jemi möçberini çykaryp görkezmek, amallaryň taryhyny görmek ýaly hyzmatyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilersiňiz.

Satyn alnan harydyň ýa-da hyzmatyň bahasy ykjam telefonyňyzda ornaşdyrylan «Halkbank terminal» mobil ulgamy arkaly girizilýär hem-de töleg geçirilýär. Ykjam telefonlarda NFC, ýagny galtaşyksyz töleg tehnologiýasy gurnalan bolsa, onda tölegi geçirmek üçin müşderiniň bank kartyny degişli telefona ýakynlaşdyrmak ýeterlikdir.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: **44-48-37, 44-49-27.**

**Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň döwrebap hyzmatlaryndan peýdalanyň!**


AKGAÝA

Türkmenistandaky gurluşyk we hojalyk harytlarynyň iň iri söwda merkezler toplumy

Biziň maksadymyz gurluşyk we hojalyk harytlarynyň 20 000-den gowrak görnüşini Size amatly bahadan ýetirmek

Şeýle hem gül ýetişdirmek üçin gaplary – gül sebetlerini, gül küýzelerini özümiz öndürip, söwda dükanlarymyzda size hödürleýäris!

Biziň salgylarymyz:
Aşgabat şäheri, Terminal toplumy.
+99312 575555
+99365 41 10 10

Aşgabat şäheri, Terminal toplumynyň «Ak Tam» bazary, 1-nji we 2-nji dükanlar.
+99365 546232
+99362 822220

Aşgabat şäheriniň 2127-nji (G.Kulyýew) köçesiniň 40-njy jaýy.
+99312 575757
+99365 555410
+99364 66 44 88

Änew şäheriniň Ahal köçesiniň 29-njy jaýy.
+99312 575553

@akgaya_store
akgaya555@gmail.com
info@akgaya.com

S/B: 204122504595













Aşgabat şäheriniň 30-njy kiçi etrapçasynyň Magtymguly şaýoly - Gurban Durdy köçesi, 64-nji jaý
Parahat 7, «Bereketli» bazary, 76-njy dükan.
+993 63 540042 +993 65 550758 +993 12 345534

Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy SM, 1-nji gaty, 159-njy dükan
+993 65 855088 +993 65 802333 +993 12 343770



Лиц. № 1-19-20-1439, № 1-19-20-1211

ULKE ENERGY

Специализированное предприятие ИП «ULKE» предлагает Вам квалифицированные услуги по монтажу, наладке и ремонту электрооборудования напряжением 0,4-35кВ, ремонт различных электродвигателей 0,4 - 10000кВт, силовых трансформаторов любой мощности напряжением до 10кВ, промышленных генераторов от 20кВт - до 10мВт, водяных насосов различных типов.

ИП«ULKE» является официальным представителем холдинга ALAGEUM ELECTRIC (Казахстан) и поставляет промышленное электрооборудование от производителя (трансформаторы, КТПН, оборудование для ОРУ и ЗРУ, НВ и ВВ ячейки).

alageum electric



Туркменистан, г. Ашхабад, ул. 2087 (Ага Бердыев) д.163
Тел.: +99312 23 37 28; Факс: +99312 23 14 87; E-mail: ulke_enerji@mail.ru; www.ulke.parahat.info



ÇYRA

HOJALYK HARYTLARY

VIKO OSRAM PHILIPS Schneider Electric Radium CATA CETA FORM DOLPHIN deli

Tel.: 47 40 06, +993 65 53 40 28
E-mail: turkmenaydyn@gmail.com
Salgymyz: Aşgabat şäheriniň Andalyp köçesiniň 76-njy jaýy. Işewürlik we söwda merkezi, 1-nji gat.



DAŞARY ÝURDA GITMEKÇIMI?
HOWLUKMA! JAŇ ET!
«ÝÖRITE TELEFONYŇ» BELGISI:
(+993 12) 46-35-14

Işlemäge, okuwa, syýahata ýa-da öz dostlaryňyzyň, tanyşlaryňyzyň çakylygy boýunça daşary ýurda gitmegi meýilnamalaşdyrýarsyňyzmy?
Daşary ýurda gitmegiň düzgünleri we daşary ýurtda bolýan wagtyňyzy howpsuz geçirmek üçin goşmaça maglumat almaga «Ýörite telefona» jaň ediň!
Biz «Ýörite telefon» boýunça aýan etmezlik şerti bilen tölegsiz maslahatlary berýäris.



ЗА ГРАНИЦУ?
НЕ СПЕШИ...
ЗВОНИ!
НОМЕР ТЕЛЕФОНА «ГОРЯЧЕЙ ЛИНИИ»
(+993 12) 46-35-14

Планируете выехать за границу для работы, учебы, туризма или по приглашению своих друзей, знакомых? Позвоните по телефону Горячей линии для получения дополнительной информации по соответствующим правилам выезда и пребывания за рубежом, чтобы избежать опасных ситуаций. Мы предоставляем бесплатные конфиденциальные консультации по телефону «Горячая линия».